**TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY**
**S.Myradowa**

# Bahanyň emele gelşi

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Aşgabat – 2010

**S.Myradowa,** Bahanyň emele gelşi.

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby, Aşgabat – 2010 ý.

## Giriş.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşinde Prezidentimiziň baştutanlygynda, täze galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda belent sepgitlere ýetildi. Türkmen halkyny aýdyň we bagtly durmuşa ýetirjek Prezidentimiziň alyp barýan özboluşly, sagdyn ykdysady syýasaty özüniň bol miwelerini berýär.

Ykdysadyýetiň ösüşiniň birsyhlylygyny üpjün etmek, Prezidentimiziň berk we durnukly içki ykdysadyýete goldaw bermek, halkara ykdysady gatnaşyklara has ýakyndan we netijeli goşulmagyň zerurlygy – bular, ähli milli maksatnamalarynyň baş ýörelgesidir. Milli maksatnamalaryň durmuşa ornaşdyrylýan ýyllarynda ýurduň Döwlet býujetiniň girdeji bölegi düýpgöter ýokarlandy. Netijede, Döwlet býujetiniň çykdajy bölegi hem degişli derejelerde ýokarlandy. Bu bolsa ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna şaýatlyk edýän ýene bir möhüm subutnamadyr. Prezidentimiziň özboluşly pul-karz we bank syýasaty , täze galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda özüniň miwelerini berip başlady.

Bu wezipeleri amala aşyrmak maýa goýum işlerini has-da ýaýbaňlandyrmagy, tutuş milli telekeçiligiň tutýan ornuny berkitmegi göz öňünde tutýar.

Umumy okuw maliýe-kredit gatnaşyklaryny guramagyň usullary we esasy düşünjeleri bilen tanyş edýär, maliýe we kredit ulgamynyň gurluşy barada hem-de olaryň elementleriniň özara täsiri barada düşünje berýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» 2007-nji ýylyň 15-nji fewralyndaky Permany bilim ulgamyndaky düýpli özgertmeleriň başyny başlady.

Häzirki wagtda milli bilim ulgamyndaky döwrebap özgertmeler ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyna we

terbiýelenmegine, giň dünýägaraýyşly, edep-terbiýeli, tämiz ahlakly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär.

Okuw maksatnamasy Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaklyga bildirilýän talaplary göz öňünde tutup taýýarlanyldy.

**Baha-ykdysady kategoriýa hökmünde.**

§1. Bahanyň gymmatlyk esaslary.

§2. Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe bahanyň emele gelşiniň aýratynlyklary.

§3. Bahanyň ykdysady funksiýalary.

§4. Bahanyň emele gelşiniň metodologik esaslary.

Bazar gatnaşyklarynyň esaslary bolup baha hem-de bahanyň emele gelşi çykyş edýärler.

Baha-çylşyrymly ykdysady kategoriýadyr. Ykdysadyýetiň ähli ösüş kynçylyklary baha ulgamynda kesişýär.

Ilki bilen harytlaryň öndürilişine we ýerleşdirilişine degişlidir.

Bahanyň iki sany teoriýasy bar.

Birinji teoriýanyň eýeleriniň pikiri boýunça harydyň bahasy onuň gymmatyny görkezýär.

Ikinji teoriýa boýunça-harydyň belli peýdalygyna alyjynyň tölejek pullaryň jemini emele getirýär diýýärler. Şeýlelikde baha-harydyň pul görnüşinde aňladylmagydyr.

Bahadan tapawutlylykda baha emele geliş haryda ýa-da hyzmata bahanyň emele gelmegini aňladýar. Esasanam iki sany ulgam ýöredilýär 1) merkezleşdirilen-döwlet tarapyndan bahanyň önümçiligiň çykdaýjylary esasynda emele gelýär. 2) Teklipler we talaba esaslanan bazar bahalary. Harydyň bahasy näme bilen ölçelýär?

Şu wagta çenli bu iň wajyp ykdysady meseleleriň biridir.

Adam Smit, Wilýam Petti, Dawid Rihardo bahanyň esasy nazarýetiniň esaslaryny düzenlerdir, şoňa laýyklykda harydyň bahasy zähmetiň mukdary, ýagny ony öndürmegi bilen ölçelýär.

Haryt gymmata hem-de baha eýedir. Gymmat-bu harytda peýdaly zähmetiň siňdirilmegidir. Harydyň bu zähmetiň netijesi bolany üçin harytlary hil taýdan meňzeş edýär, diýmek ölçenýär hem-de deňeşdirilýär. Şeýlelikde haryda siňdirilen zähmet hil bo Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» 2007-nji ýylyň 15-nji fewralyndaky Permany bilim ulgamyndaky düýpli özgertmeleriň başyny başlady.

Häzirki wagtda milli bilim ulgamyndaky döwrebap özgertmeler ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyna we terbiýelenmegine, giň dünýägaraýyşly, edep-terbiýeli, tämiz ahlakly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär.

Okuw maksatnamasy Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaklyga bildirilýän talaplary göz öňünde tutup taýýarlanyldy.ýunça meňzeş bolýar.

Harydyň bahasyna degişlilikde bolsa bu onuň gymmatynyň pul görnüşinde aňladylmagydyr.

Aýry harydyň bahasy onuň gymmatyndan dürli tötänleýin faktorlaryň täsirinden tapawutlanyp bilýär.

Bazar-entäk köp öwrenilmedik örän çylşyrymly düşünje.

Bazar näme? Bazar-mäkäm, hemişe döredilýän, gaýtalanýan gatnaşyklar (önümçilik, söwda, ykdysady, tehnologik we başgalar). Bazar haryt-pul gatnaşyklary we gymmatlyk kategoriýalaryň ýagny: maliýe kredit, zähmet haky, özüne düşýän gymmaty, girdeýji, bahanyň esasy formasy bolup durýar. Bu gymmatlyk ulgam kategoriýasy ähli gaýtadan

işlemek prosesi işjeň höweslendirýär. Bazar gatnaşyklary islendik ýerde döräp bilýär, egerde teklibe talap garşy durýan bolsa, mysal üçin: bazarda, işjeň edarada, telefonda, bir zada we başga ýerde.

Egerde bazarda teklip bilen talabyň arasynda deňagramlylyk dörese, şonda ykdysady prosesiň netijesi-baha bolýar. Bazarda garşylykly gyzyklanmany goraýan satyjylar we alyjylar düşýär.

Satyjylar öz harytlaryny satmak maksady bilen köp bahany goýup uly girdeýjini almakdyr.

Her bir satyjy bazara şol bir maksat bilen geleni sebäpli olaryň arasynda bäsdeşlik döreýär. Alyjylar bolsa öz gezeginde zerur bolan harytlary ýokary peýdaly pes bahadan satmakdyr.

Şeýlelikde bazar-satyjylar we alyjylaryň arasynda döreýän gyzyklanmanyň netijesinde emele gelýän ykdysady ulgamdyr ol hem öz gezeginde bahanyň emele gelmegine getirýär.

Bazary aşakdaky shema boýunça şekillendirmek bolar.




Bazar hem-de baha haryt önümçiligi bilen bagly bolan kategoriýalar. Şeýlelikde bazar ilkinji orunda durýar.

Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe bahanyň emele gelşiniň aýratynlyklary.

Merkezleşdirilen ykdysadyýet şertlerinde baha emele geliş prinsipleri kärhanada, ýagny önümçilikde kesgitlenýänligi bilen tapawutlanýarlar. Bu esasanam bahanyň esasynda özüne düşýän gymmatyň durýanlygydyr. Şeýle garaýyşda bazar bahalaryň derejesine hem-de dinamikasyna gowşak täsir edýär. Eýýäm kesgitlenen bahada haryda islegiň derejesini hasaba alýar.

Bazar baha emele gelşiň düýpli tapawudy bahanyň önümçilkde kärhanada emele gelmeginde däl-de eýsem satuwda, ýagny bazarda islegiň we talabyň täsiri netijesinde harydyň bahasy we onuň täsiri bazarda barlag geçýär hem-de bazarda emele gelýär.

Bazar bahalaryň meýilnamalaýyn kesgitlenýän bahalardan tapawudy olar döwlet tarapyndan kesgitlenýär.

Döwlet tarapyndan diňe kesgilenen harytlara nyrh bellenýär.

Bahalaryň dinamikasy iki sany esasy faktoryň täsiri netijesinde emele gelýär.

-strategiki faktor,

-taktiçeski faktor.

Strategiki faktor-harydyň bahasynyň esasynda baha emele gelýär. Gymmatyň töwereginde baha yrgyldaýar. Bu proses örän çylşyrymly.

Taktiki faktor-takyk harytlar, bahalar bazaryň täsiri ýetýär.

Bazar gatnaşyklary şertlerde bahalaryň emel gelşini görüp bolmaýar.

## Bahalaryň ykdysady funksiýasy.

Jemi 5 sany funksiýa kesgitlenýär:

1. Bahalaryň hasabat funksiýasy – jemgyýetçilik zähmetiň çykdaýjylaryň ölçegi hem-de hasabat funksiýasy. Ýagny bahanyň pul görnüşinde aňladylmagy. Baha zähmetiň,

çig malyň, jemleýji önümleriň belli bir harydy öndürmäge edilen çykdaýjylary ölçeýär. Ahyrynda baha önümçilik çykdaýjylaryň we harydyň aýlanyşygyny şeýle-de girdeýjiniň ölçegini görkezýär.

Bu funksiýada ähli bahalaýyn görkezijileri hil we mukdar görkezijilere bölünýär.

Mukdar görkezijiler-jemi içki önüm, milli girdeýji, maliýe goýumlaryň göwrümi, haryt dolanyşygyň göwrümi, firmanyň önüminiň göwrümi,

Hil görkezijileri-düşewüntlilik, zähmet öndürijilik, önüm berijilik.

2. Bahanyň gyzyklandyrma funksiýasy.

Baha öndürijiler üçin uly gyzyklandyryjy täsir edýär. Olar üçin satýan bahalary wajyp bolýar.

Bahanyň kömegi bilen gyzyklandyryp bolýar:

-ylmy-tehniki progress,

-resurslaryň çykdaýjylaryň tassyklanmasy,

-önümiň hiliniň üýtgemegi,

-önümiň düzüminiň üýtgemegi.

Gyzyklandyrma bahada girdeýjiniň derejesiniň ýokarlanmaga ýoly bilen amala aýyrylýar.

Gyzyklandyrma funksiýasy bazar gatnaşyklaryna mahsusdyr.

3.) Bahanyň paýlama funksiýasy bahanyň birnäçe bazar ýagdaýlarynyň täsiri netijesinde üýtgeýär. Onuň manysy milli girdeýjiniň paýlama hem-de gaýtadan paýlamanyň kömeginden

-ykdysadyýetiň pudaklary

-eýeçiligiň görnüşleri

-döwletiň sebitleri

-ýygnam hem-de ulanma fonduň

-halkyň dürli gatlaklary

4. Islegiň hem-de teklibiň balansy.

Bu ýerde önümçilik bilen ulanylşyň, teklibiň we hödürlemäniň arabaglanyşygy arkaly kesgitlenýär.

Teklip baha bilen harytlaryň göwrümiň arasyndaky göni gatnaşygy arkaly kesgitlenýär. Bahalaryň ýokarlanmagy netijesinde harytlaryň göwrümi ýokarlanýar.

5. Önümçiligiň amatly ýerleşdirilişiniň funksiýasy hökmünde.

Bu funksiýa esasanam bazar gatnaşyklarynda has doly ösýär.

Baha emele gelşiniň esasy prinsipleri:

-bahanyň ylmy esaslandyrmasy

-bahanyň maksatlaýyn gönükdürmesi

-baha emele gelşiň prosesiň birligi hem-de bahanyň durnuklylygyna barlag

Bahanyň ylmy taýdan esaslandyrma prinsipi bazaryň çuňňur ylmy analizine esaslanýar.

Bahanyň ylmy taýdan esaslandyrmasy maglumat üpjünçiligiň dolylygyna bagly.

Bahanyň maksatlaýyn gönükdürmesi ykdysady we durmuş problemalary takyk kesgitlemesine esaslanýar.

## Bahalaryň klassifikasiýasy we olaryň ulgamy.

§1. Bahalaryň görnüşleri we olaryň klassifikasiýasy.
Bahalaryň düzümi we düzüm bölekleri.
§2. Bahalaryň ulgamy we onuň esasynda ýatýan häsiýetler.

Geçiş döwründe birnäçe ykdysady häsiýetlerine baglylykda ähli bahalar görnüşleri we dürli görnüşliligi boýunça klassifirlenýärler.

Bahalaryň klassifikasiýasynyň ilkinji we wajyp häsiýeti, olaryň haryt dolanşygyň hyzmat edilýän sferasyna baglylykda differensiasiýasy bolup durýar.

Bu häsiýete baglylykda bahalar şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

- senagat önümleriniň lomaý bahasy;
- gurluşyk harytlarynyň bahalary;
- oba hojalyk önümleriniň satyn alnyş bahalary;
- ýük we ýolagçy ulaglarynyň tarifkeri;
- bölek satuw bahalar;
- ilata edilýän kommunal we durmuş hyzmatlarynyň tarifleri;
- daşary söwda dolanşygynda hereket edýän bahalar (eksport we import bahalar).

Senagat önümleriniň lomaý bahalary – bu lomaý dolanşygyna girýän senagat kärhanalaryň, firmalaryň we guramalaryň eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, olaryň önümleriniň satylyş we satyn alynyş bahalary.

Senagat önümleriniň lomaý bahalary öz gezeginde iki topara bölünýärler:

- kärhanalaryň lomaý bahasy (göýberilýän bahasy).
- senagatyň lomaý bahasy.

<u>Kärhananyň lomaý bahasy (göýberilýän baha)</u> – bu öndürilen önümiň lomaý – satuw guramalaryna we beýleki kärhanalara satylýan önümi öndürijiniň bahasy. Başgaça aýdylanda, kärhana öz harydyny lomaý bahalar boýunça satanda, özüniň önümçilik satuw harajatlarynyň öwezini doldurmalydyr we oňa bazar şertlerinde geljekde işlemek üçin zerur bolan girdeýjini almalydyr. Girdeýji bahanyň wajyp elementi bolup durýar.

Girdeýjini almak-telekeçiligiň islendik görnüşiniň esasy höweslendiriji (oýaryjy) sebäbi. Bazar şertlerinde we bäsdeşlik şertlerinde maksimal girdeýjini almaga obýektiw tendensiýa bardyr.

Kärhana firma üçin zerur bolan girdeýjiniň möçberi onuň ösüşiniň zerurlygy boýunça kesgitlenilýär we islemegiň kadaly prosesini üpjün edýän minimal ýol berilýän derejeden az

bolmaly däldir. Eger şeýle bolmasa, onda güýçli bäsdeşlik şertlerinde kärhana dargap bankrot bolup galar.

Önümi öndürijiniň bahasy önümçilige gönükdilýändir we onuň bilen berk baglydyr.

Önümi öndüriji kärhananyň lomaý bahasynyň köpdürliligi transfert baha bolup durýar.

Transfert bahasy şol bir firmanyň ýa-da kärhananyň bölümleriniň arasynda kommersiýa amallary geçirilende ulanylýar. Ol taýýar önümler, ýarymfabrikatlar, çig mal gatnaşygynda, şeýle-de hyzmatlar babatynda, şol sanda dolandyryş tölgleri we kredit üçin göterimler hökmünde ulanylyp bilner. Soňky ýyllarda transfert bahalar ýaýrap başladylar, sebäbi firmanyň içindäki söwda halkara söwdanyň has-da wajyp elementine öwrülip barýar.

Peseldilen transfert bahalary käwagtlar gümrük salgytlaryny (poşlina) we beýlekileri azaltmak azaltmak üçin ulanylýar. Ýöne bu antimonopol kanunyna gabat gelmeýär we onuň üçin jogapkärçilik çekmeli bolar.

Senagatyň lomaý bahalary – bu kärhanalaryň we sarp ediji guramalaryň üpjün ediji-satuw (lomaý) guramalara önüm üçin töleýän bahalary.

Senagatyň lomaý bahasy özünde lomaý (göýberilen) bahadan başga-da üpjün ediji-satuw (lomaý) tölegini ýa-da arzanladyşlary we NDS-i jemleýär.

Şeýlelikde, bahalar haryt hereketiniň haýsy tapgyrynda emele gelýänligine baglylykda tapawutlanýarlar. Adatça iri haryt haryt hereketiniň 3 tapgyryny geçýär:

▪ kärhana – lomaý söwda;

▪lomaý söwda – bölek satuw,

▪ bölek satuw – sarp edijiler.

Haryt hereketiniň bu tapgyrlaryna bahalaryň 3 görnüşi laýyk gelýär:

▪ kärhananyň lomaý bahasy (göýberilýän bahasy), oňa ýene-de öndürijiniň bahasy hem diýilýär;

▪ senagatyň lomaý bahasy;

▪ bölek satuw bahasy (ol barada soň gürrüň ediler).

Gurluşyk harytlarynyň bahalary. Gurluşygyň önüm bahalaryň 3 görnüşi boýunça baha berilýär:

1) smeta bahasy – her bir obýektiň gurluşygy üçin edilen harajatlaryň çäkli ölçegi;

2) preýskurant bahasy – obýektiň tipli gurluşygyny ahyrky önüminiň birliginiň ortaça smeta bahasy (1 kw.m ýaşaýyş meýdany, 1 kw.m peýdaly meýdany, 1 kw.m molýar işleri we beýlekiler üçin);

3) şertnama bahasy, ol sargytçylar bilen ýerine ýetirijileriň arasynda şertnama esasynda bellenilýän baha; bu bahanyň hereket edýän sferasy bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen has-da giňelýär, diýmek gurluşyk önümlerine bahalaryň beýleki görnüşleriniň sferasy daralýar.

Satyn alynýan bahalar – bu oba hojalyk kärhanalary, firmalary we ilaty tarapyndan oba hojalyk önümleriniň satylýan bahalary (lomaý bahalar).

Ýük we ýolagçy ulaglarynyň tarifleri-ulag kärhanalary tarapyndan ýükleri we ýolagçylary (äkitmek-getirmek) daşamak üçin ýük ugradýandan we ilatdan alynýan töleg.

Bölek satuw bahasy – bu bölek satuw setinde (torunda) harytlaryň ilata, kärhanalara we guramalara satylýan bahasy. Olar ahyrky bahalar bolup durýarlar. Bu bahalar boýunça harytlar dolanşyk sferasyndan çykarylýar we öý hojalygynda ýa-da önümçilikde sarp edilýär.

Bahanyň emele gelşiniň tutuş prosesini shema görnüşinde şu aşakdaky ýaly görnüşde görkezmek bolar:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Kärhananyň Harajatlary (özüne düşýän Gymmaty) | Girdeýji | Üpjün edijilik-satuw, ýa-da lomaý bahalar, goşundy (arzanladyş) | Söwda goşundysy (arzanladyş) |

<table>
<tr><td></td><td></td><td>Harajatlar</td><td>Girdeýji</td><td>Harajatlar</td><td>Girdeýji</td></tr>
<tr><td colspan="2">Kärhananyň lomaý (göýberilýän) bahasy</td><td colspan="4"></td></tr>
<tr><td colspan="5">Senagatyň lomaý bahasy</td><td></td></tr>
<tr><td colspan="6">Bölek-satuw bahasy</td></tr>
</table>

Durmuş we kommunal hyzmatlarynyň bahalary – bu durmuş we kommunal gulluklary tarapyndan ilata edilýän dürli görnüşli hyzmatlar üçin tölegler. Olara: kir ýuwýanlaryň (praçkalaryň) dellekhanalaryň, himiki arassalaýjylaryň, hyzmatlarynyň bahalary, egin-eşikleri we aýakgaplary bejertmek (abatlamak) bahalary, hem-de ýaşaýyş jaýy, telefon we beýlekiler üçin tölegler degişlidir.

Bu hyzmatlaryň bahalary özünde özüne düşýän gymmaty, girdeýjini we NDS–i jemleýär.

Şu ykdysady häsiýetden ugur alyp bahalaryň birnäçe görnüşleri tapawutlanýar.

1. Önümiň öndürilýän ýerindäki bahasy. Bu baha boýunça haryt öndürilen ýerinde ähli hukuklary we jogapkärçiligi bilen satyja geçirilýär. Bu ýagdaýda alyjy bahadan daşary harydy bellenen ýerine äkitmek boýunça ýüze çykyp biljek ähli harajatlary töleýär.
2. Harytlary daşamak boýunça harajatlar goşulan ýeketäk baha. Bahany bellemegiň bu usuly firma tarapyndan ähli alyjylar üçin olaryň ýaşaýan ýerine garamazdan ýol harajatlarynyň birmeňzeş jemi goşulan ýeketäk bahanyň emele gelmegini çaklaýar. Bu jemi daşamaga edilen harajatlaryň ortaça bahasy hökmünde alunýar. Ýeketäk baha aýratynam, haradaň öndürilýän ýerinden uzakda ýaşaýan alyjylar üçin has amatlydyr, sebäbi olaryň ýol harajatlary ortaça bahadan has ýokarydyr.

3. Zonalaýyn bahalar.

Bahany kesgitlemegiň bu usulyna laýyklykda birnäçe geografiki zonalar tapawutlandyrylýar (bölünýär) we bir zonanyň çäginde ýerleşýän müşderiler üçin ýeketäk baha belenilýär. Zonalaryň her biri üçin bu bahalar dürli bolýarlar, sebäbi olar ýol harajatlarynyň ululygy boýunça bellenilýär; zona näçe uzakda bolsa baha şonça-da ýokarydyr.

4. Baza nokadynyň (punktynyň) esasynda kesgitlenilýän bahalar. Bu usula laýyklykda, kärhana (firma) birnäçe geografiki nokatlarda şol bir haryda baza bahalaryny belleýär. Satuwyň hakyky bahalary sargytça (zakazçik) golaý ýerleşýän baza nokady üçin bellenen bahanyň üstüne bellenen ýere çenli harydy daşamak boýunça ýol harajatlarynyň goşulmagy bilen hasaplanylýar.

Jemgyýetiň bazara geçmegi bilen bahalar bellenilende döwletiň goşulmagyndan azatlygynyň (erkinliginiň) derejesi ýaly klassifikasion häsiýet ýüze çykýar.

1. Azat (erkin) bahalar – döwlet organlarynyň islendik göni gatnaşygyna garamazdan talap teklibiň täsirinde bazarda erkin ýagdaý emele gelýärler.

2. Sazlanylýan bahalar – talap bilen teklibiň täsiri netijesinde emele gelýärler, ýöne özüniň emele gelmeginde döwlet organlarynyň belli bir täsirini duýýarlar, olar ýa bahalaryň ösüşini göni çäklendirmek ýa-da bahalary peseltmek usuly bilen ýerine ýetirilýär.

3. Üýtgemeýän bahalar – haýsydyr bir häkimiýet edarasy we dolanşygy hökmünde döwlet tarapyndan göni bellenilýän bahalar.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe esasanam bahalaryň iki görnüşi: erkin bahalar we sazlanylýan bahalar hereket eder. Şeýle-de öndürilýän we satylýan harytlaryň umumy massasynda olaryň udel agramy ýurduň ykdysadyýetinde bolup geçýän üýtgeşmelere baglylykda üýtgäp biler.

## Harydyň täzelik derejesine baglylykda bahalaryň klassifikasiýasy.

1. “Gaýmaklary syrmak” bahasy. Bu usula laýyklykda täze haryda ilki başda öndürilendewe bazara çykarylanda şu harydy bellenen bahadan satyn aljak sarp edijä bil baglanyp, maksimal ýokary baha bellenilýär.

2. “Bazara girmegiň (ornaşmagyň)” bahasy. Kärhana (firma) bu usulyň kömegi bilen bäsdeşleriň meňzeş harytlarynyň bahalary bilen deňeşdirilende has pes bahany öz harydyna belleýär.

3. “Psihologiki baha” satyjy bahany bellände alyjy tarapyndan bahanyň psihologiki kabul edilşini göz öňünde tutmalydyr. Haryda “psihologiki” baha adatça tegelek bahadan biraz pes bolýar. Köp marketologlar bahanyň täk san bilen görkezilmelidigine ynamlydyrlar. Meselem, 100 man. Däl-de, 99 man, 600 man däl-de, 599 man. we ş.m.

4. Pudakda ýa-da bazarda “lideriň yzyndan ýöremek” bahasy. Bahanyň emele gelmeginiň şu strategiýasyna laýyklykda harydyň bahasy baş bäsdeşiň – bazarda işjeň hereket edýän pudagyň öňdebaryjy firmanyň bahasynyň drejesine deňräk baha bellenilýär. Şeýle-de bolsa, baha lideriň, ýagny baş bäsdeşiň hödürleýän bahasyndan ýokary bolmaly däldir.

5. Önümçilik harajatlarynyň öwezini doldurmak bellenilýän bahalar. Bu ýagdaýda firma öz harydyna bahany önümçiligiň hakyky harajatlaryna we bazarda ýa-da pudakda girdeýjiniň ortaça normasyna esaslanyp belleýär. Baha şu formula boýunça bellenilýär:

$$B = H + Ç + N\,(H + Ç)$$

Bu ýerde H-önümçilik harajatlary;

Ç-administratiw çykdaýjylar we satmak boýunça çykdaýjylar;

N- belli bir bazardaky ýa-da pudakdaky girdeýjiniň ortaça normasy.

Prestiž baha – aýratyn häsiýetleri bolan ähli firmalaryň ýokary hilli harytlaryna bellenilýär.

Bahany kesgitlemegiň agzalan usullarynyň biriniň saýlanyp alynmagy firmanyň ýolbaşçylary tarapyndan amala aşyrylýar; şeýle-de bolsa, köp faktorlar göz öňünde tutulmalydyr, olaryň esasylary şu aşakdakylardyr:

- täze harydy bazara ornaşdyrmagyň tizligi;
- bu firma tarapyndan gözegçilikde saklanylýan bazardaky satuwyň paýy;
- satylýan harydyň häsiýetleri (täzelik derejesi, beýleki harytlar bilen çalşyryp bolýanlygy we başgalar);
- inwestisiýalaryň satyn alnyş döwri;
- bazaryň belli bir şertleri (monopoliýa derejesi, talabyň baha çeýeligi, sarp edijileriň topary we başgalar);
- laýyk gelýän pudakda firmanyň orny (maliýe ýagdaýy, beýleki öndürijiler bilen özara gatnaşygy we beýlekiler).

Bazarda uzak wagtyň dowamynda satylýan harytlara bahalaryň aşakdaky görnüşleri bellenilýär:

1. Typýan ýa-da peselýän baha.
2. Uzak waglyk baha.
3. Bazaryň sarp ediji sigmentiniň bahasy.
4. Maýyşgak baha.
5. Artykmaçlygy bolan bah.
6. Öndürilmesi bes edilen önümleriň bahalary.
7. Köp kärhanalaryň bahasyndan pes bellenen baha.
8. Gymmat baha.

## §2. Bahalaryň ulgamy we onuň esasynda ýatýan häsiýetler.

Ykdysadyýetde hereket edýän ähli bahalar özara baglydyrlar we köp sanly bazar faktorlarynyň täsiri astynda

hemişe hereketde bolýan ýeketäk ulgamy emele getirýärler. Bu ulgam özara bagly we özara aragatnaşykda bolýan bahalaryň aýratyn ulgamyndan durýar. Bahalaryň ýeketäk ulgamynyň has wajyp we esasy bloklary şu aşakdakylardyr:

- lomaý bahalar;
- satyn alynýan bahalar;
- bölek-satuw bahalar;
- ulag hyzmatlarynyň tarifleri;

Bahalaryň tutuş ulgamynda esasy we kesgitleýji orny senagatyň baza pudaklarynyň önümleriniň bahasy eýeleýär. Olara ýangyç-energetika pudaklary (kömür, nebit, gaz, elektrik energiýa), hem-de metallurgiýa pudagy degişlidirler. Şeýlelikde, energogetirijilere bahanyň üýtgemegi ykdysadyýetiň pudaklarynyň ählisinde bahalaryň derejesinde öz beýanyny tiz tapýar.

Bahalaryň ulgamyna bahalaryň dürli bloklary diňe bir göni baglanşykda bolman, eýsem ters baglanşykda hem bolýarlar. Meselem, ýangyç toplumynda bahanyň ýokarlanmagynda belli bir wagtdan soň şol pudaklara olaryň ulanýan material-tehniki resurslarynyň gymmatlamagy görnüşinde dolanýar.

Ýeke-täk ulgama girýän bahalaryň şu özara berk baglanyşygy näme bilen ýüze çykarylan?

Olar esasanam iki sany wajyp ýagdaýlar bilen şertlendirilendir.

1. Ähli bahalar ýeketäk usulyýet esasda emele gelýär. Bu esas gymmatyň, talabyň we teklibiň kanunlary bolup durýar.

2. Hojalyk işi bahalar bilen hyzmat edilýän ähli kärhanalar (firmalar), önümçilikler we pudaklar özara baglydyrlar we ahyrynda ýeketäk hojalyk toplumy emele getirýändirler. Kärhanalaryň, pudaklaryň özara baglanyşygy her hili bolup bilýär: önümçilik, ykdysady, tehniki we başgalar.

Şeýle-de bolsa, bir ulgamdaky bahalaryň özara baglanşygy bahalaryň aýratyn bloklarynyň we şol bloklaryň

içindäki belli bir harytlaryň bahalarynyň özbaşdak hereketini hem hatardan çykarman, gaýtam şular ýaly hereketi çaklaýar.

Bahalaryň ulgamy bilen bahalaryň hereket edýän ykdysady gurşawynyň arasyndaky örän berk baglanyşygy bellemek zerurdyr. Bu sreda özünde haryt önümçiligini, eýeçiligiň dürli görnüşlerini, bäsdeşligi jemleýär, olar hem bazar ykdysadyýetiniň esasyny düzýärler.

Bahalaryň ulgamy bahalaryň derejesi, bahalaryň düzümi, bahalaryň dinamikasy ýaly görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär.

## Bahany emele getirýän faktorlar.

§1.Bahanyň we talabyň özara täsiri.
§2.Baha bilen teklibiň arabaglanyşygy.
§3. Baha täsirini ýetirýän esasy faktorlar.

Bazar ykdysadyýetiniň ýagdaýy, bazaryň ähli instrumentleriň, şol sanda bahanyň ösüşiniň derejesi we mehanizmi talap (Demand) we teklip (supply) ýaly düşünjeleriň kömegi bilen beýan edilýär.

Talap bazar ykdysadyýetiniň wajyp kotegoriýasy bolup durýar, sebäbi diňe şol ahyrky netijede dürli harytlara bahany kesgitleýär, çig maly we taýýar önümi paýlaýar.

Talap – bu sarp edijiniň belli bir ýerde we belli bir wagtda harydy ýa-da hyzmaty satyn almak islegi we mümkinçiligi. “Isleg” we “talap” düşünjeleri tapawutlandyrmak gerekdir. Harydy edinmäge bildirilýän her bir isleg talap bolmaýar. Isleg diňe sarp edijiniň maliýe ýagdaýy bilen berkidilen ýagdaýynda talaba öwrülýär. Başgaça aýdylanda, bazar alyjynyň tölege ukyplylygy bilen berkidilmedik talap bazara hiç hili täsirini ýetirmeýär.

Talabyň göwrümi – bu belli bir wagt aralygynda belli bir şertlerde alyjynyň satyn almaga taýýar harytlaryň (hyzmatlaryň) möçberi.

Talabyň kanuny her bir berlen bahalar boýunça satyn alynjak harytlaryň, hyzmatlaryň möçberi bilen bahalaryň arasyndaky arabaglanyşygy görkezýär.

Beýleki deň şertlerde pes bahadan has köp haryt satyn alyp bolýar.

Şonuň üçin hem bazar bahasy bilen şol bahada satyn alynjak haryt göwrüminiň arasynda berk gatnaşyk (baglanyşyk) goýulýar. Bu özara baglanyşygy talabyň şkalasy görnüşinde görkezip bolýar. Ol dürli bahalar harydyň näçe möçberiniň satyn alynjakdygyny gerkezýär.(tab.1.)

Talabyň (ýa-da satyn alnan harydyň birliginiň mukdarynyň) bular ýaly üýtgeýşi aşakdaky ýagdaýlar bilen düşündirilýär:

- pes bahadan harydy sarp edijileriň köpügi satyn alyp bilýär;
- pes bahalar köp alyjylary şol harydy başga bir haryt bilen çalyşmaga mejbur edip biler;
- eger harydyň bahasy ýokary bolsa, alyjylaryň belli bir möçberi harydy satyn almakdan ýüz döndürerler.

Bazarda satylan A harydyň bahasynyň we mukdarynyň özara gatnaşygy.

Tablisa №1

| A harydyň birligine bolan baha (Price) pul birliginde | Talap (Quantity) – A harydyň satylan mukdary |
|---|---|
| 50 | 10 |
| 40 | 30 |
| 30 | 50 |
| 20 | 75 |
| 10 | 90 |

1. Özara baglanyşykly harytlaryň bahalary.
2. Alyjylaryň pul girdejileriniň derejesi.
3. Alyjylaryň harytlaryň görnüşleri boýunça aýratyn islegleri.
4. Sarp edijilik garaşmalar.

Sarp edijileriň geljekgi bahalaryň ýokarlanmagyna garaşmagy, bazarda girdejiniň we haryt ýetmezçiliginiň ýokarlanmagy belli bir döwürde talabyň göwrüminiň ýokarlanmagyna getirýär. Tersine, harytlaryň geljekgi söwda arzanladyşyna garaşmagy, girdejiniň peselmegi ýa-da haryt – substitutlaryň köp dürli bolmagy hereket edýän talabyň azalmagyna getirýär.

5. Alyjylaryň sany.

Bazarda hemişelik ortaça girdejili alyjylaryň sanynyň köpelmegi ýokary bahadan satylýan islendik haryda bolan talabyň möçberiniň ýokarlanmagyna alyp barýar. Bu ýagdaýda talabyň egrisi saga süýşer.

## §2.Baha bilen teklibiň arabaglanyşygy.

Bazar bahasyny bellemekde teklip, ýagny satyjylaryň belli bir wagtda we belli bir ýerde alyja teklip edip biljek we teklip etmegi işleýän harytlarynyň möçberi, esasy orny eýeleýär.

Harydyň birligi üçin bahanyň we oňa laýyk gelýän teklibiň arasyndaky baglanyşygy aşakdaky şkala görnüşinde görkezip bolar (tabl.2).

Tablisa №2

| A bahanyň birligi üçin pul hasabyndaky bahasy | A harydyň teklibi |
|---|---|
| 50 | 95 |
| 40 | 70 |
| 30 | 50 |
| 20 | 25 |
| 10 | 0 |

Teklibiň şkalasy satyjylaryň ýokary bahalarda, pes bahalar bilen deňeşdireniňde harydyň köp mukdaryny satmaga çykarýandygyny görkezýär. Bu ýokary girdeýji almaga ymtylmak sebäpli bolup geçýär.

Teklibiň funksiýasy harydyň teklibiniň we ony kesgitleýän faktorlaryň arasyndaky arabaglanyşygy görkezýär; bu baglanyşyk aşakdaky görnüşde görkezilip bilner:

$Q_{Sx}= f (P_x, P_y, ... , P_2, K, L, N, q)$, (2).

bu ýerde $Q_{Sx}$ – wagt birliginde X harydyň teklibiniň göwrümi;

$P_x$ – X harydynyň teklibiniň bahasy;

$P_y$, ..., $P_2$ – haryt – bäsdeşleriň we şol haryt bilen bilelikde öndürilýän harytlar;

K – önümçiligiň tehnologiýasynyň derejesi;

L – salgytlar we dotasiýalar;

N – önümçilik resurslary üçin töleg;

q – satyjylaryň sany

Teklibiň göwrümi – bu belli bir şertlerde satyjynyň satmak isleýän harydynyň möçberi. Teklibiň möçberi diňe baha üýtgände üýtgäp biler.

1. Önümçilik resurslar üçin töleg. Önümçilik resurslary üçin tölegiň üýtgemegi önümçilik harajatlaryna, diýmek öndürilýän önümiň göwrümine hem täsirini ýetirýär.

2. Önümçiligiň tehnologiýasynyň derejesi. Tehnologiýanyň kämilleşdirilmegi önümçilik harajatlarynyň azalmagy, şol harydyň satuwy üçin mümkinçilik döredýär we islendik bahada onuň teklibiniň göwrüminiň ýokarlanmagyna getirýär; teklibiň egrisi saga düşýär.

3. Beýleki harytlaryň bahalary. Haryt – bäsdeşlere we şol haryt bilen “bilelikde” öndürilýän harytlaryň bahalarynyň üýtgemegi teklibiň egrisiniň ýerini üýtgetmegine getirýär. Şeýlelikde, bugdaýyň bäsdeşi mekgejöwen bolup durýar, bugdaýyň bahasynyň peselmegi mekgejöweniň köp mukdarda ýetişdirilmegine we onuň bazarda köp mukdarda teklip edilmegine getirýär.

4. Salgytlar we dotasiýalar. Kärhanalar salgytlara telekeçilik harajatlary hökmünde seredýärler. Şonuň üçin hem döwletiň salgyt ulgamynda geçirýän syýasaty teklibe gönüden – göni täsir edýär. Salgytlaryň ýokary göterilmegi bilen önümçilik harajatlary ýokarlanýar we teklip azalýar.

5. Harydy satýanlaryň sany.[1] Her bir kärhananyň şu önümçilik göwrüminde bazarda satyjylaryň sanynyň köpelmegi bazar teklibininiň ýokarlanmagyna getirýär ( bu ýagdaýda teklibiň egrisi saga süýşýär ) we tersine.

- - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - -

[1] Bu faktor bazar teklibine, şol bir wagtyň özünde öňki dördüsi aýratyn teklibe täsir edýär.

- - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - - -

Çeýelik – bu bir üýtgeýän ululygyň üýtgemegi beýleki ululygyň üýtgemegine ýetirýän täsiriniň ölçegi. Başgaça aýdylanda, çeýelik – bir ululygyň 1% üýtgemeginiň netijesinde beýleki ululygyň näçe göterim üýgejekdigini görkezýän san.

Talabyň baha çeýeliginiň umumy girdeýjä ýetirýän täsiri we bahalaryň üýtgemeginiň alyjylara ýetirýän täsiri.

Tablisa №3

| Ululyk $E_d$ | Talabyň çeýeligini kesgitlemek | | Çeýe talabyň umumy girdeýjä täsiri | | Alyjylaryň garaýşy | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | hil | mukdar | Baha ýokarlananda | baha peselende | baha peselende | baha ýokarlananda |
| $E_d$ › 1 | çeýe | Soralýan hardyň mukdarynyň göterim üýtgeýşi bahanyň göterim üýtgemegini ýokarlandyr ýar. | Umumy girdeýji azaýar. | Umumy girdeýji köpelýär. | Satyn alnýan harytlaryň göwrümini belli bir derejede ýokarlandyrýarlar. Talap bahanyň peselmeginden çalt ösýär. | Satyn alnýan harytlaryň göwrümi belli bir derejede peselýär. Talap bahanyň ösmeginden çalt peselýär. |
| $E_d$ = 1 | Birlik çeýelik | Soralýan harydyň mukdarynyň göterim üýtgeýşi bahanyň göterim üýtgeýşine deňdir. | Umumy, girdeji üýtgänok | Umumy, girdeýji üýtgänok | Talabyň ýokarlanmagy bahanyň peselmegine göni proporsionaldyr. | Talabyň azalmagy bahanyň ýokarlanmagyna göni proposional dyr |
| $E_d$ ‹ 1 | Çeýe däl | Soralýan harydyň mukdarynyň göterim üýtgeýşi bahanyň göterim üýtgeýşinden pes. | Umumy girdeýji ýokarlanýar. | Umumy girdeýji peselýär. | Talap bahanyň peselmegin den haýal ösýär. | Talap bahanyň ösüşinden haýal peselýär. |

## §3. **Baha täsirini ýetirýän esasy faktorlar.**

Firma baha strategiýasyny ( baş ugruny ) saýlanda baha täsirini ýetirýän ähli faktorlary ýüze çykarmalydyr we seljermelidir. Bular ýaly faktorlar örän köpdür. Köp babatda olar firma tarapyndan gözegçilik edilmeýän faktorlardyr ( sur. 5). Olaryň käbirleri bahalaryň düşmegine, beýlekileri bolsa olaryň ýokarlanmagyna ýardam berýär.

| Bahalaryň düşmegine ýardam berýän faktorlar | Bahalaryň ýokarlanmagyna ýardam berýän faktorlar. |
| --- | --- |
| Önümçiliň ösmegi<br>Tehniki ösüş<br>Dolanşyk we önümçilik harajatlaryň peselmegi<br>zähmetöndürijiliginiň ösmegi<br>Bäsdeşlik<br>Salgytlaryň peselmegi<br>Göni baglanşyklaryň giňelmegi. | Önümçiligiň pese gaçmagy<br>Ykdysady ýagdaýyň durnuksyzlygy kärhananyň monopoliýasy<br>Ažiontaž talap<br>Dolanşykda pul massasynyň köpelmegi<br>Salgytlaryň ýokary bolmagy<br>Aýlyk haklaryň ýokarlanmagy<br>Harydyň hiliniň gowulanmagy<br>Moda laýyklygy<br>Işçi güýjüniň bahasynyň ösmegi<br>Kapitaly, enjamlary, işçi güýjini, ýeri ulanmagyň pes netijeliligi. |

Bahalaryň derejesine we dinamikasyna köp babatda maliýe – kredit sferasy täsir edýär.

Harytlary sarp edijiler firma tarapyndan bahalar boýunça netijäni kabul etmäge uly täsir edýär. Bahalaryň we bu bahalar

boýunça satyn alnan harytlaryň möçberiniň arasyndaky baglanşygy iki sebäp bilen düşündirip bolýar. Birinjisi talabyň, teklibiň kanunlarynyň we baha çeýeliginiň özara gatnaşygyndan ybaratdyr. Beýlekisi – bazaryň dürli ( birmeňzeş däl ) täsiri.

Bahalary kabul edişi we harytlary saýlaýşy boýunça alyjylaryň 4 kotegoriýasyny tapawutlandyrmak bolýar:

- harytlary saýlanda olaryň bahasyna, hiline we assortimentine uly üns berýän alyjylar; alyjylaryň bu toparyna harytlaryň goşmaça peýdaly taraplaryny we harydyň artykmaçlygyny açyp görkezýän reklama uly täsirini ýetirýär;
- harydyň "daş görnüşine" uly üns berýän alyjylar; olar esassy ünsi edilýän hyzmatlara we satyjynyň oňa bolan gatnaşygyna berýärler;
- öz satyn alýan harytlary bilen uly bolmadyk (ownuk) firmalary goldaýan we olar üçin haryda has ýokary bahany tölemäge taýýar alyjylar;
- harydyň amatlylygy we komforty, bahasy wajyp orny tutýan alyjylar.

Bahalaryň döwlet tarapyndan sazlanylmagy birnäçe esasy ugurlar boýunça ýerine ýetirilýär.

Bahalar boýunça netijä öndürijiden lomaý we bölek söwda çenli haryt hereketiniň kanallarynyň meýdançasy hem täsir edýär. Olaryň hemmesi satuwyň we girdeýjiniň göwrümini ulaltmaga we bahalara berk gözegçilik etmäge ýykgyn edýärler.

Lomaý we bölek satuw girdeýjiniň ösüşini satuwyň has şowly (amatly) we döwrebap görnüşi bilen utgaşdyryp, öndürijä harydy alyjy hökmünde öz ornuny görkezip, bahanyň emele gelmegine gatnaşmagyň uly bölegini gazanmak isleýär.

Bahalaryň derejesine täsir edýän wajyp element – bäsdeşlik. Bahalary kimiň gözegüilik astynda saklaýanlygyna

baglylykda bäsdeşlik sredalarynyň 3 görnüşini tapawutlandyrýarlar. (Sur. 6).




Sur.6. Bäsdeşlik sredanyň görnüşleri.

Bahalar tarapyndan gözegçilikde saklanylýan sreda ulaga, aragatnaşyga kommunal hyzmatlara, birnäçe senagat harytlaryna ýaýraýar. Bahalara gözegçilik etmäge hukugy bolan döwlet guramalary belli bir haryda gyzyklanma bildirýän taraplardan – sarp edijilerden we öndürijilerden alnan maglumatlary ählitaraplaýyn öwrenenden soň olaryň derejesini belleýär. Gökezilen harajatlary firma tarapyndan gözegçilikde saklanylmaýar, ýöne olar baha emele gelende göz öňünde tutulmalydyr. Firma ony birnäçe usullar bilen gazanyp bilýär.

Birinjiden, harajatlaryň ýokarlanmagy bilen firma öz önümine bahany ýokarlandyryp biler, ol bu ýagdaýda ähli agramy sarp edijilere geçirýär.

Ikinjiden, firma harajatlaryň ösmeginiň öwezini önümiň assortimentini üýtgetmän, özüniň içki ätiýaçlyklarynyň hasabyna bölekleýin dolduryp bilýär.

Üçünjiden, firma önümleri üýtgedip bilýär (olaryň ölçegini kiçeldip, has arzan çig maly ulanyp, soň hasabyna

harydyň hilini biraz peseldip), ýöne bahalaryň drejesini üýtgetmän saklap bilýär. Adatça, bu köpmöhletli bahalar ýaýraýan, köpçülikleýin talap edilýän harytlar öndürilende bolup geçýär.

Dördünjiden, firma önümi örän ýokary derejede kämilleşdirip biler, bu ýagdaýda onuň bahasy alyjylar üçin örän gymmat bolmaz, tersine bu baha olaryň aňynda ýokary amatlylyk, ýokary hil we harydyň abraýy bilen bagly bolar.

Bäşinjiden, harajatlaryň azlmagy bilen firma önümiň bahasyny peseldip ýa-da öz girdeýji paýyny ýokarlandyryp, olary üýtgewsiz galdyryp biler.

## Bazaryň düzümi we bahanyň emele gelişi.

§1.Bazaryň dürli görnüşlerinde bahanyň emele gelmeginiň aýratynlyklary.

§2.Bahanyň emele gelmek prosessiniň tapgyrlary.

§3. Baha maglumaty we bahalar boýunça netijeleri kabul etmekde onuň orny.

Kärhananyň baha syýasaty bazaryň belli bir düzümine baglydyr.

Bazaryň düzümi – bu bazaryň esasy mahsus bolan taraplary, olara bazarky firmalaryň sany we ölçegi, dürli firmalaryň harytlarynyň meňzeşliginiň we tapawudynyň derejesi, bazara maglumatlarynyň elýeterliligi degişlidir.

Bazar düzüminiň elementleriniň birleşmeginiň dürli görnüşleri bardyr, başgaça aýdylanda bazaryň dürli modelleriniň bolmagy mümkindir, olara baglylykda telekeçiler bäsdeşlik etmäge gatnaşýarlar ýa-da gatnaşmaýarlar. Telekeçileriň ykdysady gyzyklanmasynyň esasy birmeňzeş – girdeýjini ýokarlandyrmak – bolanda bäsdeşligiň[1] netijeleri dürli bolup biler, bu bolsa bäsdeşligiň häsiýetine baglydyr.

Bazar ulgamynyň häsiýetli düzümi ýaly bäsdeşlik üçin esasy maksimal (ýokary) pul girdeýjisini almaga ýykgyn etmekde ýüze çykýan saýlawyň erkinligi bolup durýar.

Adatça, bazaryň 4 tipini tapawutlandyrýarlar: kämil (arassa) bäsleşik, monopolistik bäsdeşlik, oligapoliýa, arassa monopoliýa.

---

[1] Bäsdeşlik (konkurensiýa) (latynça – çaknyşmak) – hususy haryt öndürijileriň arasynda önümçiligiň we harytlaryň satuwynyň has amatly şertleri ugrundaky göreşi.

Bäsdeşlik etmek – garşydaşlyk etmek, çaknyşmak, bäsdeşlige gatnaşmak.

---

Kämil bäsleşik we arassa monopoliýa özi bilen hakyky durmuşda (tejribede) duş gelmeýän bazar düzüminiň “ideal” (abstrakt) modellerini görkezýär.

Monopolistik bäsdeşlik we oligopoliýa köp bazarlar üçin häsiýetlidir.

Tablisa №4

Bazaryň esasy modelleriniň häsiýetli taraplary.

| Häsiýetli taraplary | Kämil bäsleşik | Kämil däl bäsleşik. | | |
|---|---|---|---|---|
| | Arassa bäsleşik | Monopolistik bäsleşik | Oligopoliýa | Arassa Monopoliýa |
| Firmalaryň sany | Örän kän | Kän | Birnäçe | Bir sany |
| Harydyň görnüşi | Birmeňzeş | Dürli | Birmeňzeş ýa-da dürli | Tapawutly (ýeketäk) |
| Bahalary sazlamak | Ýok (mümkin däl) | Bar, ýöne örän az mümkinçilikli | Özara baglylyk bilen çäklendirilen, dil düwüşmekde ähmiýetlidir (wajypdyr). | Ähmiýetli (wajyp). |
| Bazara girmegiň şertleri | Päsgelçilik ýok | Beýlekiler bilen deňeşdirilende päsgelçilikler aňsat. | Päsgelçilikler ähmiýetli | Girmek mümkin däl (ýapyk) |
| Baha däl bäsleşik | Ýok | Reklama, söwda belgilerine, markalaryna we ş.m. uly üns berilýär. | Örän meňzeş | Esasy üns reklama, firmanyň jemgyýetçilik firmalary bilen baglylygyna berilýär. |
| Mysal | Oba hojalygy | Bölek satuw,egin – eşik, aýakgapönümçiligi | Metal, demir, wtoulag, oba – hojalygyň inwertarlarynyň, durmuş tehnikasynyň önümçiligi | Jemgyýetçilik ulanylyşyna degişli Ýerli edaralar |

Arassa bäsdeşlik bazary aşakdaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

- kösanly firmalaryň barlygy, olaryň hiç biriniň hereket edýän bahanyň derejesine täsirini ýetirip bilmeýärler, sebäbi olaryň her birine bazaryň uly bolmadyk bölegi (paýy) degişlidir;
- bäsdeş harytlaryň meňzeşligi we bir – biri bilen çalşyp bolýanlygy;
- baha çäkleriniň ýoklugy.

Arassa bäsdeşligiň şertlerinde firma üçin talap bahadan doly derejede çeýedir. Bu bazarda firmalaryň köpüsiniň hereket edýänligi, olaryň hiç biriniň bazaryň ähmiýetli paýyna gözegçilik etmeýänligi göwrümi ulalanda firma bahany üýtgetmeýär. Erkin bäsdeşlik bazarynda talap bilen bahanyň arasyndaky baglylyk pudak üçin ters proporsionaldyr, ýagny bahanyň peseldilmegi talabyň ýokarlanmagyna ýardam berýär, talabyň egrisi bolsa ýitýär. Eger pudakda harytlaryň teklibi ýokarlansa, onda baha peseler, bu ähli firmalara, olaryň önümçiliginiň göwrümine bagly bolmadyk ýagdaýda degişlidir.

Şeýlelikde, arassa bäsleşigiň şertlerinde bazardaky hiç bir firma bahanyň emele gelmeginde ähmiýetli orny eýeleýär, bahalar bolsa, talap bilen teklibiň täsirinde emele gelýärler. Firmalar emele gelen bahanyň derejesinden ugur almaly bolýarlar. Ýöne bu ýagdaýda bazaryň konýukturasyna az wagtlyk täsir etmek ýagdaýy mälimdir. Bu maksatlar üçin bahalary “tötänden” düşürmek strategiýasyny ulanýarlar, onuň manysy maksimal ýokary bahany belläp we soňra olary bolmadyk döwürde firma harytlaryň belli bir derejesini satyp biler we şeýlelikde öz girdeýjisini ýokarlandyrar.

Arassa bäsdeşlik bazarlary örän köpdür: oňa oba hojalykdan başga-da bugdaýyň, tokaýyň halkara bazaryny, reňkli metallaryň bazaryny degişli etmek bolar.

Monopolistik bäsdeşlik bazary uly diapazonda üýtgäp durýan bahalardan öz harytlaryny hödürleýän köpsanly

firmalardan ybaratdyr. Harytlar doly derejede biri – biriniň ornuny tutup bilmeýärler we diňe bir fiziki häsiýetleri, hili, görnüşi boýunça tapawutlanman eýsem sarp edijilik islegi boýunça hem tapawutlanýar. Harytlaryň arasyndaky tapawutlary bahalaryň giň diapazony bilen düşündirip bolýar. Monopolistik bäsdeşlik bazaryna üç sany häsiýetli aýratynlyklar mahsusdur: firmalaryň arasyndaky ýiti bäsdeşlik; bäsdeş firmalaryň harytlarynyň sarp edijilik häsiýetleri hem – de hödürlenýän birmeňzeş däl goşmaça hyzmatlary boýunça tapawudynyň hasabyna differensiýasy; bazara girmegiň kyn däldigi. Bu şertlerde marketingiň aýratynlygy bazaryň dürli segmentleriň alyjylarynyň aýratyn talaplaryny ýüze şykarmakdan ybaratdyr. Bu ýagdaýda esasy orny önümiň reklamasy, harytlara marka atlaryny bermek eýeleýär.

Monopolistik bäsdeşlik şertlerinde sarp edijilik talabyň düzümini, bäsdeşleriň belleýän bahalaryny, hem – de özleriniň önümçilik harajatlaryny göz öňünde tutup, firma öndürilýän öňüne bahany kesgitleýär. Bu ýagdaýda bahanyň emele gelmeginiň dürli strategiýalary ulanylýar.

Has giňden ýaýraýan – geografiki prinsip boýunça bahany bellemek; firmanyň öndürýän önümi ýurduň dürli böleklerinde dürli bahalar boýunça sarp edijilere satylýar. Munuň üçin bahany bellemegiň dürli usullary ulanylýar. Munuň üçin bahany bellemegiň dürli usullary ulanylýar. Bu strategiýadan haryt nomenklaturasynyň çäklerinde bahany kesgitlemegiň strategiýasy tapawutlanýar. “Nominaldan ýokary” bahalaryň strategiýasyny güýçli differensirlenen alyjylyk talabynda ulanyp bolýar. Girdeýjisiniň derejesi ýokary bolan alyjylara firma “lýuks” kotegoriýasynyň harytlaryny örän ýokary bahadan hödürleýär. Beýleki alyjylar üçin pes bahadan satylýan adaty harytlar öndürilýär. Bu strategiýa ony alanýan firmadan bäsdeşler berk gözegçilik etmegi talap edýär.

Oligopoliýa bäsdeşligi harytlary birmeňzeş we biri – biri bilen çalşylýan (demir, egin – eşik, plastmassa), şeýle – de biri

– birinden tapawutly (elektronika, awtoulag) bolup bilýän birnäçe iri firmalaryň arasynda döreýär. Bular ýaly bazara girmek örän kyndyr. Bu şertlerde her bir gatnaşyjy bäsdeşleriň marketing içine uly üns berýärler we öz önümine bahanyň üýtgemegine örän seresaply çemeleşýär.

Oligapdiýa bäsdeşlik şertlerinde bahanyň emele gelmeginiň köpsanly strategiýalary ulanylýar. Olaryň biri – baha bellenilende hereketiň kordinasiýasy; bu strategiýa iki görnüşde bolýandyr: “bahalar barada ulalaşygy” kabul etmek we “parallel baha syýasaty” ýerine ýetirmek. Käbir ýurtlarda bahalar barada ylalaşygy baglanyşmak kanun tarapyndan gadagan edilendir. “Parallel baha syýasaty – bu hem bahalaryň şol bir koordinasiýasydyr. Ol meselem, kompaniýalar önümçilik harajatlaryny unifisirlenen kanunlar boýunça kalkulýasiýalaşdyrýarlar we soňra girdeýjiniň belli bir normasyny (möçberini) goşup, bahany belleýärler.

Bazar faktorlarynyň täsiri netijesinde ähli kompaniýalaryň bahalary şol bir proporsiýada we şol bir ugurda üýtgeýärler.

Arassa monopoliýa bazarynda diňe bir satyjy hereket edýär. Bu hususy firma ýa-da döwlet guramasy bolup biýär. Döwlet monopoliýasyny ulanyp, ilatyň harydyň doly gymmatyny tölemäge ukyply däl toparlary tarapyndan harydyň sarp edilişini birden köpeldip (baha özüne düşýän gymmatyndan pes bellenilýär), ýa-da harydyň sarp edilişini çäklendirmek üçin ýokary bahany belläp bolýar.

Monopolist hususy firma beýleki firmalary baha syýasatyna hiç hili üns bermän öz önümine özi bahany belleýär. Şeýle–de bolsa, monopoliýa rugsat edilýän (meselem, elektroenergetika ýaly pudaklarda) ABŞ-nyň tejribesinden bilşimiz ýaly, tarifleriň ýokarlandyrylmagy ýerli häkimiýet edaralary bilen ylalaşylmalydyr.

Firma bahany bellemäge erkinligi bolsa-da, öz önümine bolan talaba esaslanyp bahanyň optimal derejesini

kesgitleýärler. Firmanyň ýerine ýetirýän baha strategiýalary baha diskreminasiýasynyň prinsipiniň esasynda emele gelýär. Bu prinsipe esaslanyp, firma harajatlaryň dürliligine garamazdan harydy ýa-da hyzmatlary dürli bahalarda satýarlar. Diskriminasion bahalar dürli görnüşlerde bolýarlar. Olary differsirleýärler:

- alyjylaryň topary boýunça – alyjylaryň dürli toparlaryna şol bir haryt ýa-da hyzmat dürli bahadan satylýar ( käwagt mugt berilýär );
- harydyň ýa-da hyzmatyň görnüşi boýunça – harytlaryň we hyzmatlaryň dürli görnüşleri harajatlaryň tapawutlydygyna garamazdan dürli bahalardan satylýar;
- territorial prinsip boýunça – harytlary daşamak bilen bagly harajatlaryň birmeňzeşligine garamazdan haryt dürli ýerlerde dürli bahadan satylýar;
- wagty boýunça – harydyň we hyzmadyň bahasy pasyllar, aýlar, günler boýunça, hatda günüň dowamynda dürlidir; şäherara, halkara telefon gepleşikleri üçin töleg gündiz ýokary, gijelerine pes, dynç günleri pes, iş günleri ýokary.

Köpsanly bahalaryň strategiýasy monopolist firmanyň alyjylaryň her bir topary üçin maksimal ýokary bahany belleýänligine esaslanýar. Şeýle-de bolsa, bu strategiýa käbir ösen ýurtlarda kanun tarapyndan gadagan edilýär.

Bazary segmentirlemegiň strategiýasy belli bir segmentiň çäginde ýa-da dürli bazarlarda alyjylaryň talabynyň birmeňzeş däldigine esaslanýar. Bu strategiýa beýleki bazaryň alyjylaryna arzanladyşlary hödürlemegiň üsti bilen amala aşyrylýar. Önümiň esasy, bölegi birinji bazarda ähli harajatlaryň öwezini dolýan we belli bir girdeýjini berýän bahadan satylýar. Ikinji bazarda ( käwagt daşary ýurtlarda ) şol bir haryt pes bahadan satylýar.

Eger ikinji bazar monopolistik firmanyň ýerleşýän ýurdunyň çäginden daşarda ýerleşýän bolsa, onda bu firmanyň syýasatyna demping diýilýär. Köp ýurtlaryň häkimiýeti milli senagatyň ösüşine päsgel berýän arzan harytlaryň girizilmegini çäklendirýärler.

Monopolistik firma ýokary bahany bellemek hemişe amatly däldir; şeýtmek bilen ol bäsdeşleriň ünsüni çeker ýa-da döwlet tarapyndan bahalaryň sazlanylmagyny döredip biler, bu bolsa alyjylaryň belli bir bölegini ýitirmegine getirer.

Firma şol ýa-da beýleki baha strategiýasyny saýlap alanda aşakdaky faktorlary göz öňünde tutmalydyr:

- önümiň bahasyna köplenç täzeden seretmeli bolýar;
- bahalarda talap, bäsdeşlik, alyjylar we şulara meňzeşler barada maglumat doly drejede göz öňünde tutulmaýar;
- harydyň esasy bölegi pasylyň ahyrynda arzan bahadan satylýar;
- harytlara bolan talap çeýedir;
- alyjylaryň esasy bölegi baha uly üns berýär we bäsdeşleriň pes bahalary olary özüne çekýär.

Hakyky ykdysadyýetde bazaryň hiç bir gönüşi arassa görnüşinde duş gelmeýär. Firma bir bada özüniň bir harydy bilen arassa monopoliýa bazaryna, beýleki harydy bilen bolsa, ýokary bäsdeşlik bazaryna çykyp bilýär, digopoliýada hem monopoliýanyň, hem-de erkin bäslegiň ýüze çykmagy mümkindir. Bazaryň görnüşini seljermek öz – özünden bahany bellemegiň taýýar düzümini ( reseptini ) berip bilmeýär. Ýöne şeýle barlaglar bahanyň emele gelmeginiň prinsiplerini talap bilen teklibiň özara gatnaşygyna baglylykda kesgitlemek üçin zerurdyr.

## §2.Bahanyň emele gelmek prosessiniň tapgyrlary.

Firmada bahanyň emele gelmegi – çylşyrymly we köp tapgyrly prosess. Bahanyň emele gelmek prosessinal seredeliň. (sur.1)

Maksady saýlamak

↓

Talaby anyklamak.

↓

Harajatlary seljermek.

↓

Bäsdeşleriň bahalaryny seljermek

↓

Bahanyň emele gelmeginiň usulyny saýlap almak.

↓

Gutarnykly bahany bellemek.

↓

Sur.1. Bahanyň emele gelmeginiň prosessi.

Maksady saýlamak. Islendik firma belli bir önümi öndürip haýsy maksada ymtylýandygyny kesgitlemelidir. Eger maksatlar we harydyň bazardaky ýagdaýy anyk kesgitlenen bolsa, onda bahany bellemek aňsatdyr. Baha syýasatynyň üç sany esasy maksady bardyr: firmanyň ýaşaýjylyk ukybyny üpjün etmek, girdeýjini maksimallaşdyrmak we bazary saklamak (sur.2.).




Sur.2. Firmanyň baha syýasatynyň maksady.

Ýaşaýjylyk ukybyny üpjün etmek – barada birmeňzeş harytlary öndürýän bäsdeşler bolanda öz işini ýerine ýetirýän firmanyň esasy maksady. Firmalar bu maksady şu aşakdaky ýagdaýlarda saýlap alýar:

- sarp edijileriň baha talaby çeýe ($E_d$ › 1);
- firma satuwyň maksimal ösmegini we umumy girdeýjiniň ýokarlanmagyny harydyň her birliginden alynýan girdeýjini azalmak ýoly bilen gazanmagy isleýär;
- firma satylýan harydyň göwrüminiň, ulalmagy önümçiligiň we satuwyň otnositel harajatlaryny azaldar diýip çaklaýar;
- pes bahalar bäsdeşleri gorkuzýar;
- Sarp edijiligiň uly bazary bardyr.

Bazaryň uly paýyny eýelemek we satuwyň görümine ulaltmak üçin pes bahalar – bazara girmegiň bahalary ulanylýar.

Girdeýjiniň maksimizasiýasy barada aýtmazdan öňürti bu maksadyň garşylydygyna üns bermek gerek. Öndürijileriň hemişe öz girdeýjisini maksimallaşdyrmaga ýykgyn edýänligi baradaky çaklamanyň diňe bir tarapy hakykatdyr. Wagtyň uly bolmadyk aralyklaryna göz aýlasak, onda firmanyň maksimal girdeýji almaga ýykgyn edýänligini, harajatlaryň öwezini dolmaga we paýnamalara “ kadaly “ diwident hasaplamaga ýeterlik girdeýjä razy bolýandygyny görmek bolýar. Bu köplenç gysga aspektde girdeýjiniň maksimallaşdyrylmagy geljekde girdeýjini maksimallaşdyrmaga päsgelçilik berýär. Orta ýa-da iri firma geljekde ýokary girdeýjini almak üçin alynýan girdeýjiniň derejesini peseltmäge taýýardyrlar. Munuň üçin oňa bazaryň belli bir eýelenmedik böleginde ornaşmak, mümkin boldugyça ony giňeltmek, hemişe esasy serişdeleri täzelemek we ş.m. işleri ýerine ýetirmek zerurdyr. Bularyň ählisi gysga möhletlik girdeýjini köpeltmäge ugrukdyrylan syýasata laýyk gelmeýärler.

Uly bolmadyk firmalaryň ýolbaşçylary (öz geljegine doly ynamy bolmadyk) özi üçin peýdaly bazar konýukturasyny maksimal ulanmaga ýykgyn edýärler; bu ýagdaýda girdeýji ähli ugurlarda esasy zat bolup durýar.

Girdeýjiniň maksimallaşdyrylmagyna esaslanan maksadyň birnäçe görnüşleri bardyr:

- frma tarapyndan birnäçe ýyla ortaça girdeýjiniň möçberine laýyk gelýän durnukly girdeýjini bellemek;
- bahanyň ýokarlanmagyny hasaplamak, diýmek, kapital goýmagyň gymmatynyň ýokarlanmagy bilen girdeýjiniň ýokarlanmagyny hasaplamak;
- kompaniýa biznesiň amatly ösüşine ynamsyzlygy ýa-da oňa pul serişdeleriniň ýetmeýänligi sebäpli başlangyç girdeýjini çalt almaga ýykgyn etmek.

Absolýut girdeýji – bu satyjynyň ähli harytlary satmakdan alýan arassa (harajatlary aýrylan ) girdeýjisi.

Otnositel girdeýji – bu satyjynyň bir önümi satmakdan alýan girdeýjisi.

Şeýlelikde, absolýut girdeýjini otnositel girdeýjini satylan harydyň sanyna köpeldip alyp bolýar. Dürli harydyň dürli otnositel girdeýjisi bardyr. Zerur, harytlaryň (çörek, süýt, ýaşaýyş jaýy) pes otnositel girdeýjisi bardyr, ýokary hilli harytlar bolsa, ýokary otnositel girdeýjini üpjün edýär. Düzgün bolşy ýaly, bular ýaly girdeýjiler ýokary maksatlara daýanýar. Ýöne umumy ýokary girdeýjini bazara girmegiň bahalaryny ulanýan kompaniýalaryň alýandygyny bellemek gerek.

Girdeýjini maksimizasiýalaşdyrmaga esaslanan maksady saýlap, firma bahalaryň dürli derejelerinde ulanylýan harajatlara we talaba baha berýär we oňa geljekde maksimal girdeýjini üpjün edýän bahalary saýlap alýar.

Bazary saklamaga esaslanan maksat, firmanyň bazardaky ýagdaýyny ýa-da öz işi üçin amatly şertleri, saklamakdan ybaratdyr. Firma satuwyň peselmeginiň we bäsdeşleriň ýitilenmeginiň öňüni almak üçin ähli mümkin bolan çäreleri amala aşyrýar.

Bular ýaly şertlerde işlemek bilen kompaniýalar bazardaky ýagdaýa: bahalaryň dinamikasyna, täze harytlaryň peýda bolmagyna, bäsdeşleriň hereketlerine uly üns berýärler. Olar öz önüminiň bahanyň çakdanaşa ýokarlanmagyna ýa-da peselmegine ýol bermeýärler we önümçiligiň we satuwyň harajatlaryny azaltmaga ymtylýarlar.

Talaby kesgitlemek – bahany bellemek üçin indiki wajyp tapgyr. Ony aradan aýryp ýa-da soňa goýup bolmaýar, sebäbi haryda bolan talaby öwrenmän bahany bellemek asla mümkin däl. Ýöne firmanyň bellän ýokary ýa-da pes bahasy haryda bolan talaba hiç hili täsir etmez. Bahanyň we oňa laýyk gelýän talabyň derejesiniň arasyndaky baglanşyk talabyň egrileri bilen görkezilendir. (sur.3.)




b) ýokar hilli harytlar üçin



a) köp harytlar üçin

Sur.3. Baha bilen talabyň derejesiniň arasyndaky baglylyk.

Sur.3.a – daky talabyň egrisi baha näçe ýokary bolsa, talabyň şonça–da aşakdygyny görkezýär. Beýleki deň şertlerde çäkli býudjetli alyjy, eger oňa arzan bahadan alternatiw harytlar hödürlense, ýokary bahaly harydy satyn almakda ýüz dönderer. Ýöne eger ýokary hilli harytlar barada gürrüň edilse (sur.3b) bu gatnaşyk başga hili bolar. Ýokary hilli harytlaryň sarp edijileriniň pikirine görä $P_1$ – den $P_2$ çenli bahanyň ýokarlanmagy, bu harytlaryň hiliniň ýokarlanmagy, olaryň moda laýyklygy bilen baglydyr; netijede talap ösýär. Ýöne $P_3$ has ýokary bahada talabyň derejesi $P_2$ bilen deňeşdirilende peselýär $Q_1 = Q_2$.

Hiç bir firma talabyň üýtgemegine täsir edip bilmeýär. Talaby kesgitlemegiň çemeleşmeleriniň tapawutlylygy bazaryň görnüşi bilen şertlendirilýär. Bir satyjydan ybarat bolan monopol bazarynyň şertlerinde talabyň egrisi talap bilen bahanyň arasyndaky ters proporsionallygyny, hem–de firmanyň bellän bahasynda talabyň esaslanandygyny görkezýär. Bäsdeşleriň peýda bolmagy bilen monopolist

satyjynyň harydyna bolan talabyň egrisi beýleki firmalaryň baha syýasatynyň täsirinde üýtgäp durar.

Firma öz önümine bolan talabyň ululygyny kesgitlemek bilen dürli bahalarda oňa baha bermelidir we onuň üýtgemeginiň sebäplerini anyklamaga synanyşmalydyr.

Aýdyşymyz ýaly, talabyň ululygyna dürli faktorlar täsir edýärler. Olaryň içinden haryda bolan zerurlyk, çalşyrgyç harytlaryň ýa-da bäsdeşleriň ýoklugy, potensial alyjylaryň tölege ukyplylygy, alyjylaryň islegleri we şulara meňzeşler tapawutlanýarlar. Harydyň bahasyny talaba laýyk etmek bilen talabyň baha dürli hili täsir edýänligini ýatdan çykarmaly däldir. Ýokarda belleýşimiz ýaly talabyň baha ýetirýän täsiriniň derejesini talabyň çeýeliginiň koeffisienti görkezýär. Talaby kesgitlemekde telekeçä bu koeffisienti göz öňünde tutmak zerurdyr.

<u>Harajatlary seljermek.</u> Haryda bolan talaby firmanyň belleýän bahasynyň ýokary derejesi kesgitleýär. Önümçiligiň jemi harajatlary (hemişelik we üýtgeýän harajatlaryň jemi) bahanyň minimal ululygyny kesgitleýär. Muny baha peseldilende, haçan-da bahalary harajatlaryň derejesinden pes bellemek bilen zyýana galmak anyk görünende göz öňünde tutmak zerurdyr. Firma bular ýaly syýasaty bazara girende diňe gysga döwürde ýöredip bilýär.

Talap bilen harajatlaryň üýtgemegi bilen ýüze çykarylan bahalaryň tiz-tizden gözden geçirilmegi gowy oýlanyşylan baha syýasatyna kepil geçmeýär. Harajatlary normatiw boýunça göz öňünde tutmak maksada laýykdyr.

<u>Bäsdeşleriň bahasyny seljermek.</u> Baha esasy täsiri bäsdeşleriň özlerini alyp baryşlary we olaryň harytlarynyň tapawutly taraplaryny bilmelidir. Şol maksat bilen deňeşdirmek üçin harytlar satyn alynýar, netijede bahalaryň, harytlaryň we hiliň seljerilmesi geçirilýär. Alnan maglumaty firma bahanyň emele gelmegi we bäsdeşleriň arasynda öz ornuny tapmagy üçin başlangyç ýaly ulanyp biler.

Bahanyň emele gelmeginiň usulyny saýlamak we gutarnykly bahany bellemek. Firma ähli görkezilen tapgyrlary geçirip, harydyň bahasyny kesgitläp biler. Bolup biljek optimal baha önümçiligiň, ýerleşdirmegiň we satuwyň ähli harajatlarynyň öwezini doly derejede doldurmalydyr, hem-de belli bir derejede girdeýji bilen üpjün etmelidir.

Bahanyň derejesini bellemegiň üç görnüşi bolup biler:

harajatlar bilen kesgitlenen minimal derejesi;

talabyň üsti bilen emele gelen maksimal derejesi;

Bolup biljek optimal bahanyň derejesi (sur. 4).

| Örän pes baha | Bolup biljek baha | | | Has ýokary baha |
|---|---|---|---|---|
| Bu baha bilen girdeýji gazanmak mümkin däl | Hrydyň özüne düşýän gymmaty | Bäsdeşleriň bahasy we çalşyrgyç harytlaryň bahalary. | Harydyň aýratyn artykmaçly klary | Bu bahada talaby emele getirmek mümkin däl. |

Sur.4. Bahanyň derejesini bellemegiň üç ugry.

Bahany bellemegiň has giňden ýaýran görnüşleri şu aşakdakylardyr.

1. Önümçiligiň harajatlarynyň esasynda harydyň bahasyny bellemegiň usuly.
2. Kapitaldan girdeýji almak usuly.
3. Talaby göz öňünde tutup bahany kesgitlemek.
4. Hereket edýän bahalaryň derejesinde bahany bellemek.

Kapitaldan girdeýji almak usuly önümi öndürmek üçin edilen harajatlara, hem-de kapitaldan alynmak maksat edilýän girdeýjini almaga esaslanýar.

Bu usul haryt birliginiň jemi harajatlaryna goýulan kapitalyň göteriminiň goşulmagyndan ybaratdyr.

Bu usul ulanylanda harydyň rentabelnosti şeýle formula bilen hasaplanylýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Goýulýan kapitaldan | | Bahasynyň | | Hemişelik |
| alynýan girdeýjiniň | x | aktiwiniň | + | harajatlaryň |
| Harydyň | | normasy. | | Jemi |

jemi rentabelnosty =

Satylýan harydyň birliginiň

Haryt birliginiň mukdary x üýtgeýän harajatlary

---

1. Bu usula 6 bölümde giňişleýin seredilendir.
2. General Motors amerikan kompaniýasy bu usuly öz baha syýasatynda giňden ulanýar, kapitaldan gelýän girdeýjini 15-20% derejede üpjün edýär.

---

Kapitaldan girdeýji almak usulynyň esasy artykmaçlyklary önümçilik we önümi satmak üçin zerur maliýe resursynyň töleglidigini göz öňünde tutmak mümkinçiliginden ybaratdyr. Ýöne inflýasiýa döwründe kredit üçin göterim stabkalary näbelliligiň ýokary derejesine sezewar bolýar, bu bolsa şu usulyň ulanylmagyny kynlaşdyrýar.

Kapitaldan girdeýji almak usuly öndürýän önümiň giň assortimenti bolan, olaryň bir bölegi bazar üçin täze bolup duýan kärhanalar üçin niýetlenendir.

<u>Talaby göz öňünde tutup bahany kesgitlemek usuly</u> (başgaça – alyjylara ýa-da sarp edijileriň berýän bahalaryna täsiri uly baha bermek usuly). Bu bahany emele getirmegiň iň bir amatly (original) usullarynyň biridir, sebäbi köp telekeçiler

bahany bellemekde önümçiligiň harajatlaryna däl-de, sarp edijileriň harydy kabul edişine esaslanýar.

Öndüriji sarp edijiniň bahanyň we harydyň gymmatlylygynyň arasyndaky gatnaşygy kesgitleýänliginden, hem-de ony bäsdeşleriň meňzeş görkezijileri bilen deňeşdirýänliginden ugur alýar.

Bu usulda harytlaryň differensasiýasy näçe ýokary bolsa, sarp edijiler üçin oňaýly bahalaryň çeýeligi hem şonça-da ýokarydyr. Harytlar olaryň tehniki görkizijileri, dizaýny, geçirilýän reklama kompaniýasy, ygtybarlylygy, hemişelikligi, ulanmakda tygşytlylygy, satylandan soňky serwisi we ş.m-leri bilen bazaryň differensiýasy berk baglydyr. Bahanyň emele gelmeginiň bu usulynyň oňaýly durmuşa geçirilmegi öndürijiniň potensial alyjylarynyň zerurlyklaryny gowy bilýänligine, öz harydynyň aýratyn taraplaryna ünsi çekip bilýänligine we bolup biljek bäsdeşlere real baha berip bilýänligine esaslanýar.

Bahalaryň üýtgemeginiň alyjylara ýetirýän täsiri şu aşakdakylar bilen göz öňünde tutulyp bilner:

- geçen döwrüň maglumatlaryny regressiw seljeriş usuly bilen seljermek we alnan netijeleri geljek üçin ekstrapolýasiýa etmek;
- öz önümiňe dürli bahany belläp, bazarda barlag geçirmek.

Bu usullaryň öz ýetmezçilikleri bardyr we durmuşa geçirmekde belli bir kynçylyklar bilen baglydyr. Şeýlelikde, geljekde haryda bolan talabyň ekstrapolirlenmeginde belli bir seresaplylyga eýgermek gerekdir, esasanam moda sebäpli sarp edilýän harytlar bilen iş çalyşylanda. Bazarda bahalar bilen barlag geçirilende haryt bazarda pesbahadan satylandan soň, ony ýokary bahadan satmagyň kyndygyny göz öňünde tutmak gerekdir.

Şeýle-de bolsa bu usullary bazaryň ýagdaýynda belli bir görnüşde utgaşdyryp bolýar.

Hereket edýän bahalaryň derejesinde bahany bellemek usuly pudagyň toparlaýyn paýhasyny özünde jemleýär. Ol arassa we oligopoliýa bäsdeşlik bazarlarynda ulanylýandyr. Kärhana – önümi öndürijiler bu ýagdaýlarda harytlara bahany bäsdeşleriňkiden biraz ýokary ýa-da biraz aşak bahany belläp, bäsdeşligiň şertlerinden ugur bolýarlar. Eger harydyň nähilidir bir aýratyn talaplary bolsa, ýa-da sarp edijiler tarapyndan şeýle kabul edilse, onda öndüriji bahanyň derejesini kesgitlemekde erkindir we eýýäm bar bolan bahalary göz öňünde tutmaýarlar.

Birmeňzeş harytlaryň bazarynda kärhana bäsdeşleriň bahalaryna gözegçilik etmäge mejbur bolýar (şol bir wagtyň özünde birmeňzeş däl harytlaryň bazarynda bäsdeşleriň baha syýasatyna täsir etmekde uly çeýeligi görkezýärler). Nähili ýagdaý bolsa-da, telekeçi baha strategiýasyny saýlap alanda belli bir soraglara jogap bermelidir (sur.5).

Bäsdeş bahany peseltdi.

| Nähili maksat bilen? | Haýsy döwürde? | Bazaryň sygymyna nämedir bir zat täsir eder? |
|---|---|---|
| • bazaryň uly bölegini eýelemek üçin;<br>• bahalaryň peselmegine we umumy talabyň ýokarlanmagyna impuls bermek üçin. | • uzak wagtlyk perpektiwa ;<br>• artykmaç harytlary satmak üçin we satuwy höweslendirmek üçin wagtlaýyn üýtgetmek; | • bäsdeşleriň yzyndan bahany üýtgetmek;<br>• baha üýtgedilme. |

Sur.5. Bahany emele getirýän faktorlaryň täsiriniň häsiýetnamasy.

Eger telekeçi bahany peselmek üçin we uzak wagtlap umumy talabyň ýokarlandyrmagy üçin bäsdeş bahany üýtgetdi diýen netijä gelse we beýleki kärhanalar şu mysal eýgerer, şonuň üçinem bazaryň sygymy ulalar diýip çaklasa, ol hem bahany peseltmeli bolar.

Eger ol bäsdeşleriň hereketlerine öz harydynyň kuwwaty marketing kömegini jogap edip bilse, onda bahany peseltmek hökman däl. Ýöne islendik ýagdaýda 5 surat boýunça ähli ýollary seljermek zerurdyr.

Soňky wagtlarda telekeçiniň öňünde bazar bahasyny ätiýaçlandyrmak meselesi durýar. Bu oňa gutarnykly bahany ätiýaçlandyrmakdan ybarat bolan bahany üýtgetmegiň ýene-de bir tapgyryny prosessiw ýolbaşçylar üçin girizmegiň zerurdygy barada duýdurýar. Şu maksat bilen satyn almak–satmak şertnamalaryna ýa-da daşamak şertnamalaryna birnäçe şertler girizilýär, olaryň zerurlygy bazara we satuwyň derejesine köpsanly hemişe üýtgäp durýan faktorlaryň täsir edýänligidir (syýasy durgunsyzlyk, umumy ykdysady faktorlar, tebigy resurslaryň gutarmagy, ekologiki ýagdaýyň üýtgemegi, demografiki ýagdaýlar we ş.m).

Firmanyň ýolbaşçylarynyň hemişelik aladasy öz harydynyň bahalaryny dolandyrmak bolup durýar. Ol preýskurantlara, şertnamalardaky şertlerine, kompensasiýalaryna laýyk gelýän üýtgeşiklikleriň girizilmegi bilen ýerine ýetirilýär.

Reýskurantlar – bu firmanyň alyja hödürleýän önüminiň bahalarynyň ulgamlaşdyrylan sanawy. Adatça satyjy kompaniýa sargyt blankalarynda (kagyzlarynda) bahany öňünden hasaba alýar.

Önümçiligiň harajatlarynyň we bazar konturasynyň üýtgeşmeleri olary derrew preskuranta girizmäge ýol bermeýän ýagdaýlarynda bahanyň ösmegi barada şertleşik ulanylýar.

Kärahana hemişe hereket edýän preýskurantlary derrew üýtgedip bilmeýär. Bu ilki bilen önümçilik harajatlaryň we

bazaryň konýukturasynyň tiz-tizden üýtgedip durmagy bilen baglydyr. Şonuň üçin öndüriji firma daşamak şertnamasynda laýyk gelmeýän preýshutansyz bahalaryň ýokarlanmagynyň hukuku mümkinçiliklerini göz öňünde tutmak maksada laýykdyr. Şonuň üçinem bahanyň ýokarlanmagy baradaky ýörite şertleri ulanylýar, olaryň kömegi bilen öndüriji töwekgelçiligi öz alyjylaryna geçirmäge mümkinçilik gazanýar.

## §3. Baha maglumaty we bahalar boýunça netijeleri kabul etmekde onuň orny.

Harydyň bahasy baradaky meseläni çözmek üçin öndüriji firma hakyky maglumaty ýygnamalydyr. Maglumatlary ähli hişä mälim etmek gerek däldir. Bahalar boýunça netijäni firma maglumaty ähli taraplaýyn öwrenmek bilen kabul edip biler. Maglumatlar diňe başlangyç maglumat bolup hyzmat edýär, olary seljerip gowy hilli haryt alyp bolýar. Bu seljerme geçirilmese firmada diňe faktlaryň we sanlaryň toplumy bolar. Olar diňe bir dogry netijäni kabul etmäge päsgel bermän, ony kynlaşdyrarlar.

Maglumatlaryň potensial çeşmedigine göz ýetirip, olary ýygnamalydyr. Şonuň üçinem firmanyň ýolbaşçylary maglumatlary haýsy ugurlarda ýygnamaly, haýsy soraglar boýunça maglumat zerur we her bir sorag boýunça onuň näçe möçberde gerekdigini anyklamalydyr. Düzgün bolşy ýaly, kompaniýa aşakdaky esasy ugurlar boýunça maglumaty ýygnamalydyr: harydyň bazary (bäsdeşligiň görnüşi), firmanyň hereket edýän senagat pudagy, bäsdeş pudaklar, häkimiýet işi.

Öndüriji firma bäsdeşler we bäsdeş harytlar, önümçilik we harajatlar, harydy satmakdan alynýan peýda bilen girdeýjiniň arasyndaky gatnaşygy barada, döwletiň telekeçilik, salgyt syýasaty ugurlaryndaky syýasat barada maglumatlar zerurdyrlar.

Bahalar boýunça maglumatlary ýygnap we seljerip firma şu aşakdakylary öwrenmelidir:

- öz harytlaryny satýan bazaryny;
- öndürilýän harydyň ähli potensial mümkinçiliklerini;
- bar bolan we potensial bäsdeşleri ýüze çykarmak üçin özüniň pudagyny we beýleki pudaklary;
- döwletiň (häkimiýetiň) çözgütlerini.

Bahalar boýunça dogry we esaslandyrylan netijäni kabul etmek üçin maglumatlaryň aşakdaky sanawynyň bolmagy zerurdyr:

Bazar we haryt.

- harytlaryň satylan bazar segmentleri;
- alyjylaryň haryda bildirýän talaplary;
- geografiki ýagdaýy;
- harydyň täzeligi; bazaryň sygymy;
- bäsdeşleriň harydy bilen deňeşdirilende harydyň hili;
- esasy bäsdeşler;
- harytlaryň bäsdeşleriň harytlary bilen bahasy boýunça laýyk gelýänligi;
- satuwyň göwrüminiň ösüşiniň prespektiwasy;
- alyjylaryň zerurlyklaryny kanagatlandyryp bilmek ukyby, şol sanda perspektiw zerurlyklary;
- iki ýylyň dowamyndaky bazar konýukturasy;
- modifisirlemegiň zerurlygy, şol sanda alyjynyň talaplaryna laýyklykda;
- harydyň bahasynyň alyjy tarapyndan kabul edilmegi.

Bazardaky bäsdeşlik. Döwlet syýasaty.

- döwlet syýasatynyň bazara ýetirýän täsiri;
- satuwdaky bäsdeş harytlar;
- bäsdeşleriň bazar paýy;
- aýratyn firmalara ýetirýän täsiri;
- bahalaryň üýtgemeginiň mümkinçilikleri;
- bäsdeşleriň maliýa ýagdaýy;

- bazaryň ýagdaýy üýtgände bäsdeşleriň çaklanylýan (ädimleri) hereketleri;
- girdeýjiler we zyýanlar baradaky resmi magmumatlar.

Önümçilik we çykdaýjylar. Satmakdan alnan peýda we girdeýji.

- häzirki wagtda firmalaryň önümçiliginiň göwrümi we harytlaryň ammar ätiýaçlyklary;
- firmanyň öndürýän dürli harytlary boýunça satuwdan alnan peýdanyň, girdeýjiniň we harajatlaryň arasyndaky arabaglanyşyk;
- ammar ätiýaçlyklaryň häzirki derejesine laýyk gelýän harajatlar;
- önümçiligiň göwrüminiň satuwdan alynýan peýda we girdeýjä ýetirýän täsiri;
- önümçiligiň görüminiň we ammar ätiýaçlyklaryň üýtgemeginiň harajatlara ýetirýän täsiri;
- firmanyň haryt birliginiň bahasyndaky girdeýjiniň udel agramy we bäsdeşleriň meňzeş görkezijilerinden onuň tapawudy;
- bahalaryň meseleleri boýunça netijäni kabul etmäge gatnaşýan harajatlar.

Firma getirilen maglumatlary almak üçin ähli çäreleri kabul etmelidir. Eger ol öz güýji bilen maglumatlary ýygnap we seljerip bilmese, onda şular ýaly gözleglere ýöriteleşen firmalaryň hyzmatlaryna ýüz tutmak gerekdir.

## Harajatlar we bahanyň emele gelmeginde olaryň orny.

§1. Bahanyň emele gelmeginiň maksatlary üçin harajatlaryň görnüşleri.

§2. Harajatlaryň, önüçiliginiň göwrüminiň we girdeýjiniň (CVP-seljerme) özara gatnaşygynyň seljerilişi

§3. Özüne düşýän gymmaty kalkulirlemegiň usullary.

Önümçilige we harydy satmaga edilýän harajatlar pul görnüşinde görkezilen önümçiligiň ähli faktorlarynyň (esasy fondlaryň, çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň, energiýanyň, zähmet resurslaryň) harçlanylyşyny görkezýär.

Telekeçilik harajatlary öz içine şulary alýar:

- buhgalter harajatlar;
- esasy fondlara goýulýan kapital goýumlary maliýeleşdirmegiň çeşmesi we aýlanşyk serişdeleriniň, NIOKR (НИОКР)-a edilen harajatlaryň, sosial zerurlyklaryň, paýnamalar boýunça diwidentleriň tölenilmegiň we harjadyň hasabyna tölenýän salgydyň tölenilmegiň we harajadyň hasasbyna tölenýän salgydyň tölenilmegiň çeşmesi bolup durýan kadaly telekeçilik girdeňjini;
- gymmata goşulan salgyt (NDS), eger ol kärhananyň bahasynyň üstüne goşulýar; aksizler, eger kärhananyň harydy podaksiz bolsa;
- firmanyň eksport harytlaryna edilýän gümrük töleglere (poslina), eger ol daşary ykdysady işi amala aşyrýan bolsa;
- alternatiw (временные) harajatlar – bu firmanyň resurslaryny has gowy ulanylmagynyň elden giden mümkinçilikleri bilen bagly pul ýitgileri.

Aýdyň (açyk) – bu kärhananyň satyn alan resurslary üçin (işçileriň zähmet haky, çig-mal tölegi, ýangyç, energiýa, transpor hyzmatlary we ş.m.ler) göni pul tölegi görnüşindäki üýtgeýän harajatlar. G.B.-yň tejribesinde bu harajatlara daşky harajatlar diýilýär.

Aýdyň däl (görünmeýän) – bu firmanyň eýleriniň özüne ýuridiki tarap hökmünde degişli resurslary ulanmak boýunça üýtgeýän harajatlar. Bu harjartlar şertnamada göz öňünde tutulmaýar, hökmany tölegler bolup durmaýarlar we doly derejede alynman galýar.

Tablisa №5

Kärhananyň telekeçilik we buhgalter harjatlary.

| Atlary | Buhgalter harjatlar man. | Telekeçilik harajatlar man. |
|---|---|---|
| Zähmet haky, | | |
| Göterim tölegleri | 50000 | 50000 |
| Amortizasiýa | 10000 | 10000 |
| Çig mal, materiallar | 20000 | 20000 |
| Telekeçiniň aýdyň | 20000 | 20000 |
| däl düşewndi | – | 20000 |
| Aýdyň däl ýer | | |
| rentasy | – | 20000 |
| Öz kapitalyňa | – | 4000 |
| goýulýan aýdyň däl | – | 2000 |
| göterimi | | |
| Jemi | 100 000 | 126 000 |

Hemişelik harjatlar (FC – iňlisçe fixed costs) gysga möhletde öndürilen önümiň göwrümine bagly däldirler. Olar özi bilen önümçiligiň hemişelik faktorlarynyň harjatlaryny görkezýärler we önümçiligiň göwrümi üýtgände-de üýtgemän durýar. Eger önümçiligiň göwrümi 20% ulalsa ýa-da köpelse, onda umumy hamişelik harajatlar üýtgemän durýar.

Öz ykdysady tebigaty boýunça hemişelik harajatlar belli bir iş üçin şertleri döretmäge edilýän harajatlar bolup durýar. Bular binalary, jaýlary saklamak boýunça harajatlar, arenda tölegi, ätiýaçlyk, amortizasiýa, harajatlary we ş.m-lerdir. Hemişelik harajatlaryň grafigi 1-nji suratda görkezilendir.

Hemişelik harjatlaryň umumy jemi pul birliginde




20önümçiligiň göwrümi birlik sanda

Surat 1. Hemişelik harajatlaryň umumy jeminiň we önümçiligiň göwrüminiň özara gatnaşygy.

Hemişelik ortaça harajatlar

$$\text{average fixed costs} = \frac{FC}{\text{Önümçiligiň göwrümi}(Q)} \qquad (1).$$

Tablisa №6

FC we AFC hemişelik harjatlaryň önümçiligiň göwrümine baglylygy.

| Önümçiligiň göwrümi a.birlik sanda | FC Hemişelik harajatlar, pul birliginde | AFC hemişelik harajatlar, pul birliginde |
|---|---|---|
| 1 | 50 | 50 |
| 2 | 50 | 25 |
| 3 | 50 | 16,7 |
| 4 | 50 | 12,7 |
| 5 | 50 | 10 |
| 6 | 50 | 8,3 |
| 7 | 50 | 7,1 |

| | | |
|---|---|---|
| 8 | 50 | 6,3 |
| 9 | 50 | 5,6 |
| 10 | 50 | 5 |
| 11 | 50 | 4,5 |

Üýtgeýän ululyklaryň ykdysady tebigaty – bu kärhananyň haýsy iş üçin niýetlenen bolsa, şol işiň durmuşa geçirilmegine edilýän harajatlar. Oňa çig mala, materiala, ýangyja, gaza we elektrik energiýa edilýän harajatlar, zähmet tölegi üçin harajatlar.

Üýtgeýän ululyklaryň jemi pul birliginde.




Önümçiligiň göwrümi,birlik sanda.

Surat 3. Üýtgeýän harajatlaryň üýtgeýşiniň grafigi.

Hemişelik we üýtgeýän harajatlaryň klassifikasiýasynyň hakyky ykdysady manysy bardyr we şu aşakdaky dolandyryş

meselelerini çözmek üçin daşary ýurt tejribesinde, biziň ýurdumyzda hem giňden ulanýarlar:

1) kärhananyň bäsdeşligi ukyplylygyna baha bermek;

2) düşewüntliligiň köpelmeginde şol ýa-da beýleki harajatlaryň otnositel kemelmeginiň esasynda girdeýjiniň massasyny ösüş depginini sazlamak;

3) harajatlaryň öz-özüni ödeýşini hasaplamak we bazaryň koýukterasynyň kynlaşmagy ýa-da beýleki kynçylyklaryň ýüze çykan ýagdaýynda kärhananyň "maliýe berkliginiň ätiýaçlygyny (zapasyny)"kesgitlemek;

4) önümiň bahasyny maržinal harajatlaryň usuly bilen hasaplamak.

Firmanyň ortaça harajatlaryň dinamikasy onuň bazardaky ornuny häsiýetlendirýär, şeýle-de bolsa, ol öz özünden teklibiň çyzygyny we önüçiligiň optimal göwrüminiň nokadyny kesgitlemeýär.

## §2. Harajatlaryň, önüçiligiň göwrüminiň we girdeýjiniň (CVP-seljerme) özara gatnaşygynyň seljerilişi.

Bazar şertlerinde ähli ulanylýan dolandyryş modelleri harajatlaryň, önümçiligiň göwrüminiň we girdejiniň özara baglylygyny öwrenmäge esaslanýar. Ol önümiň bahalarynyň dürli wariantlaryny we alnan girdeýjini deňeşdirmäge, şeýle-de üýtgeýän, hemişelik harajatlaryň, önümiň öndürilişiniň göwrüminiň webahanyň arasyndaky has b'hbitli gatnaşygyny gözläp tapmaga mümkinçilik berýär. Muny dürli usullar bilen gazanyp bolýar: satuwyň bahasyny peseltmek we satylyşyň göwrümini şoňa laýyklykda köpeltmek; hamişelik harajatlary köpeltmek we göwrümi köpeltmek; üýtgeýän, hemişelik harajatlary we önümiň öndürilişiniň göwrümini proporsional üýtgetmek.

Kritiki nokat-ähli önümi satmakdan alnan düşewündiň harajatlara deň bolan önüçilik göwrüminiň nokady, ýagny bu

ýerde girdeýji hem çekilenok. Bu nokatda ýene-de “öli” nokat ýa-da zyýan ýok nokat hem diýilýär.

Deňleme usuly

Düşewünt – üýtgeýän harajatlar – hemişelik harajatlar = girdeýji.

Düşewünt = üýtgeýän harajatlar + hemişelik harajatlar + girdeýji.

$$\begin{pmatrix} \text{Sanawyň} & & \textit{birlikleriň} \\ \textit{birliginiň} & \text{X} & \textit{mukdary} \\ \textit{bahasy} & & (\textit{sany}) \end{pmatrix} = \begin{pmatrix} \textit{udel} & & \textit{birlikleriň} \\ \textit{üýtgeýän} & \text{X} & \textit{mukdary} \\ \textit{harajatlar} & & (\textit{sany}) \end{pmatrix}$$

+ Hemişelik harajatlar + girdeýji.

Maržinal girdeýji usuly.

Maržinal girdeýji – bu önümi satmakdan alnan düşewint bilen üýtegýän ululyklaryň arasyndaky tapawut, ýagny bu ilkinji nobatda, hemişelik harajatlaryň üstini ňapmak we kärhananyň girdeýji almagy üçin zerur bolan serişdeleriň kesgitli summasy (jemi).

Grafiki usul.

Grafiki usul CVP-seljeriş babatda aýdyň (göz görtele görünýän) şekili berýär we “harajatlar – önümçiligiň göwrümi – girdeýji” toplumlaýyn grafigi gurmaga ymtylýar.

## §3. Özüne düşýän gymmaty kalkulirlemegiň usullary.

Harydyň bahasyny kesgitlemekde ulanylýan özine düşýän gymmaty kalkulirlemek usullary önüçilik harajatlaryna we azderejede bazarda emele gelen talaba dessury orientasiýany (ugry) görkezýär. Dünýä tejribesi özüne düşýän gymmaty kalkulirlemegiň iki sany esasy usullaryny ulanýar:

- doly harajatlaryň usuly;
- çäkli harajatlaryň usuly.

Doly harajatlaryň usuly.

Bu usulyň düşünjesi (manysy) hemişeliik we üýtgeýän harajatlary, ham-de normatiw girdeýjiniň ölçegindäki üstüne goşulan gymmaty (надбавка) jemlemekden ybaratdyr.

Doly harajatlaryň usuly russiýanyň öndürijileri üçin häsiýetlidir, sebäbi birnäçe aýratynlyklary bardyr:

- harajatlaryň gelip çykyşynyň häsiýetine bagly bolmadyk ýagdaýda, olary ählisiniň doly derejede öwezi doldurylýar;
- berlen bazar şertlerinde maksimal mümkin bolan girdeýjini almak mümkinçiligi hödürlenýär.

Bahanyň emele gelmeginde doly harajatlaryň usulynyň ulanylmagy onuň ýetmezçilikleriniň birnäçesini ýüze çykarýar:

- birinjiden, harajatlaryň zalmagynyň rezerwlerini (ätiýaçlyklaryny) ýüze çykarmaga mümkinçilik bermeýär, soň netijesinde önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmeginde gyzyklanmanyň gowşak gşrkezilmegi;
- ikinjiden, baha täsir edýän faktorlary hasaba almak kyndyr, diýmek, harydyň bäsleşige ukuplylygy peselýär;
- üçinjiden, talabyň derejesi bilen örän gowşak baglanyşyk bellenilýär, diýmek bazar gatnaşyklary doly doly aradan aýrylýar.

Tablisa №7

| | Önümler. | | |
|---|---|---|---|
| | A | B | Ç |
| Önüm birligine üýtgeýän harajatlar, jemi, şol sanda | 480 | 310 | 460 |
| Çig mal we materiallar | 240 | 165 | 205 |
| esasy önümçilik işgärleriň zähmet haky | 195 | 145 | 140 |
| beýleki üýtgeýän harajatlar | 45 | 35 | 115 |
| Hemişelik harajatlar | 190 | 310 | 350 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Doly çykdaýjylar | 670 | 655 | 810 |
| Girdeýji | 100 | 60 | 70 |
| Rentabelnost (özüne düşýän gymmata) | 15% | 9% | 8.5% |
| önümiň bahasy (satuwdan alnan düşewünt) | 770 | 715 | 880 |

Normatiw harajatlaryň usulynyň artykmaçlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

- Normatiw harajatlar belli bir önümi öndürilende kesgitli netijeli harajatlary görkezýärler we hemişe hakyky harajatlaryň deňleşip bijek ölçeýji bolup durýar;
- Firmanyň ýolbaşçylary öz ünsüni kadaly (normal) harajatlardan gyşarma gönükdirilýär;
- Hasap işleriniň göwrümi azalýar, peýdaly maglumaty uly göwrümini almaga mümkinçilik döreýär;

Harajatlaryň özüne gözegçilik etmek, kontrolda saklamak ýeňilleşýär.

Tablisa №8

| | Önümler | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | A | | B | | Ç | |
| | standart | gyşarma | standart | gyşarma | standart | gyşarma |
| Önümiň birliginde | | | | | | |
| düşýän üýtgeýän | 500 | | 350 | | 430 | |
| ululyklar, jemi şol sanda | | | | | | |
| Çig mal we materiallar | 250 | +10 | 150 | -15 | 200 | -5 |
| Önümçiligiň esasy | 200 | +5 | 150 | +5 | 130 | -10 |
| işçileriniň zähmet haky | | | | | | |
| Beýleki üýtgeýän | 50 | +5 | 50 | +15 | 100 | -15 |
| ululyklar. | 200 | +10 | 300 | -10 | 370 | +20 |
| Hemişelik harajatlar | 700 | +30 | 650 | -5 | 800 | -10 |
| Jemi harjatlar | 70 | +30 | 65 | -5 | 80 | -10 |
| Girdeýji | | | | | | |
| Önümiň bahasy | 770 | | 750 | | 880 | |
| (satuwdan alnan | | | | | | |
| düşewünt) | | | | | | |

“+” tygşytlylyk (girdeýji); “-” zyýan (artykmaç harajatlar).

Harajatlary hasaba almak we bahany kesgitlemek usuly çäklendirlen harajatlaryň esasynda G.b. ýurtlarynda giňden ýaýrandyr.

## Bahanyň emele gelmegine töwekgelçilik

§1. Töwekgelçiligiň mazmuny.
§2. Bahany kesgitlemekde töwekgelçilik we bahanyň ätiýaçlygy.

Töwekgelçiligiň tebigatyna iki sany gapma-garşy garaýyşlar bardyr. Birinjiden, töwekgelçilige saýlanylyp alnan netijäni durmuşa geşçirmekde ýüze çykyp biljek şowsyzlyk, maddy we maliýe ýitgileriň gorkusy hökmünde düşünilýär. Ikinjiden, töwekgelçilik çaklanylýan şowlulyk we girdeýji almak bilen deňleşýär.

Töwekgelçilige has umumy kesgitlemäni ilkinji bolup Naýt Berdi: töwekgelçilik-bu düşüniksiz, kesgitsiz ýagdaýdaky hereketleriň görnüşi.

Töwekgelçilik – bu şowsuzlyk ýagdaýynda kesgitsiz we işlenilmeýän netijeleri bolup biljek, işiň ýagdaýlaýyn häsiýeti.

Bu kesgitlemeler köp derejede töwekgelçilik düşünjesine degişlidir. Ykdysady töwekgelçilik bolanda esasanam işlenilmeýän ykdysady, syýasy, ahlak, psihologiki we beýleki netijeleri hasaba alyp kesgitsiz şertlerde çözgütleri kabul etmek prosessi hökmünde aýtmak gerekdir.

Töwekgelçilik ýagdaýy – ýeketäk netijesi ýa-da çözgüdi bolmadyk, ýöne birnäçe wariantlardan birini saýlamagyny hökmany talap edýän ýagdaýlar.

Ykdysady töwekgelçilik – bu hökmany saýlawyň kesgitsiz ýagdaýyny ýeňip geçmek bilen bagly hojalyk

durmuşynyň subýektleriniň işidir, onuň prosessinde ähli seredilýän wariantlar boýunça işleniýän netijäni, şowsuzlygy we olardan gyşarmagyny gazanmagyň ähtimallygyna baha bermek mümkinçiligi bardyr.

Hojalyk işiniň prosessinde çözgütler kabul edilende şu aşakdakylar hökmandyr:

1) degişli netijäni gazanmagyň ähtimallygynyň we ondan gyşarmanyň ähtimallygynyň derejesini göz öňünde tutmak;

2) işlenilmeýän netijeleriň öňüni almak üçin öz netijeleriniň durmuşa geçirilişiniň mümkinçiligini ýüze çykarmaga synanyşmak.

Töwekgelçilige baha bermek. Töwekgelçilige baha bermek prosessi özünde 3 tapgyry jemleýär.

1) meseläni çözmegiň mümkin wariantlaryny ýüze çykarmak;

2) bolup biljek ykdysady, syýasy, moral we beýleki negatiw (ters) netijeleri kesgitlemek, ol çözgüdi durmuşa geçirilende ýüze çykyp bilýär;

3) öz gezeginde 2 sany özara bagly garaýyşlardan – hil we mukdar, durýan çözgüdiň integral tarapy;

Töwekgelçiligi mukdar baha bermegiň 3 sany esasy kriteriýalary bardyr.

Birinji esasy manysy, töwekgelçilik ýagdaýynda saýlanylýan netijeleriň ilki bilen çaklanylýan netijäniň we goýlan maksatdan gyşarmanyň gazananlarynyň ähtimallygynyň ornundan baha berilmelidiginden ybaratdyr.

Töwekgelçilige mukdar baha bermegiň ilkinji kriteriýesynyň manysy, beýleki wariantlar bilen deňeşdireňde az harajat bilen gerek bolan netijäni belli bir şertlerde gazanmagy üpjün edýän netije diýen düşünjeden ybaratdyr.

Üçünji kriteriýanyň manysy: durmuşa geçirilmeginde az wagt sarp ediýän netije iň gowy netijedir.

Töwekgelçiligiň derejesi garaşylýan zyýanyň we şol zyýanyň bolup bijeginiň ähtimallygynyň bolmagy hökmünde

kesgitlenýär. Bu ýagdaýda döwekgelçiliň derejesi şu formula bilen görkezilýär:

$$R=Y_1*B_1 + (Y_1 + Y_2)*B_2,$$

bu ýerde $Y_1$we$Y_2$ – I we II wariantlara laýyklykda netijäniň absolýut görnüşde durmuşa geçirilmedik ýagdaýynda bolup biljek zyýanyň ululygy;

$B_1$ we $B_2$ – zyýanyň boljakdygynyň we I, IIX wariantlara laýyklykda netijäniň durmuşa geçirilmejekdiginiň ähtimallygy.

Önümiň önümçiligi bilen bagly wariantlaryň iň gowusyny saýlamak gerekdir.

Tablisa №9

| Görkezijiler | I wariant | II wariant |
|---|---|---|
| 1. Önümiň birliginiň saklanylýan özüne düşýän gymmaty. | 5mln.man. | 5,3mln.man. |
| 2. Önümiň öndürilişiniň göwrümi. | 900 | 950 |
| 3. Bolup bijek alynmadyk girdeýji. | 900mln.man. | 375mln.man. |
| 4. Önümiň eltip bermek boýunça çykdaýjylar. | 150mln.man. | 50 mln.man. |

I wariant

$$R_1=5*900=450mln.man.$$

$$\underline{R_2 = 900 + 150 = 1050mln.man.}$$

$$5650mln.man$$

II wariant

$$R_1=5,3*950=5035mln.man.$$

$$\underline{R_1 = 375 + 50 = 425mln.man.}$$

$$5460mln.man$$

Görnüşi ýaly, II wariant ykdysady taýdan has amatlydyr.

## §2. Bahany kesgitlemekde töwekgelçilik we bahanyň ätiýaçlygy.

Düzgün bolşy ýaly firmanyň öndürýän önümine bahanyň bellenilmegi töwekelçiligiň belli bir derejesi bilen baglydyr. Şeýle-de töwekegeçiligiň uly bölegi bilen önümçilik resurslaryna (çigmal, materiallar, enjamlar, ýangyç, işçi güýji we ş.m-ler) bahanyň kesgitlenilmegi hem baglydyr.

Inflasiýa şertlerinde firma üçin wajyp orny infulýasion garaşma baha bermek eýeleýär. Bular ýaly baha bermek şular üçin zerurdyr:

- firmanyň umumy ösüş strategiýasy işlenilip düzülende bazarda bahalaryň üýtgeýşini hasaba almak;
- biznes-meýilnamasy düzülende bahalaryň üýtgeýşini hasaba almak;
- firmanyň öndürýän önümiň bahasynyň we onuň sarp edýän önümçilik resurslaryna bahanyň üýtgemeginde bolup biljekdigine baha bermegiň esaslandyrylmagy;
- önümi satmakdan firmanyň gazanýan girdeýjisini we düşewindine bahanyň üýtgemeginiň täsirini hasaba almak;
- önümçiligiň we satuwyň harajatlaryna, şol sanda önümçilik serişdelerine we zähmet töleginiň harajatlaryna bahalaryň üýtgemeginiň ýetirýän täsirini seljermek;
- firmanyň işiniň maliýe jemini geçirmek girdeýjiniň (zyýanyň), likwidligiň, tölege ukyplylygyň;
- önüçiligiň optimal düzümini saýlap almak.

Firmanyň baha syýasatynda inflýasion garaşma baha bermek üçin şular ulanylýar:

- sarp edijilik bahanyň erkin indeksi (НПЦ);
- senagat önümlerini öndürýän bahanyň indeksi;
- ýük daşamalara tarifleriň indeksi;
- material-tehniki resuslaryň bahalarynyň indeksi;

- oba-hojalyk önümlerine bahalaryň indeksi;
- ilat üçin hyzmatlaryň bahalarynyň indeksi.

Inflýasiýanyň çaklamagyň köp sanly usullary bardyr. Şonuň üçin hem firmanyň hünärmenlerine olara kritiki baha bermek we garaşylýan inflýasiýanyň hasaplamalaryny özbaşdak ýerine ýetirmek gerekdir.

Aşakdaky esasy tapgyrlar boýunça önümçiligiň inflýasion garaşmagyna baha bermek:

- baha bermäge we çaklamaga degişli bahalaryň dinamikasynyň belli bir görkezijilerini takyklamak;
- çaklamak döwrüni (uzak möhletli, orta möhletli, gysga möhletli)bellemek.
- başlangyç maglumatlary seljermek we geljek döwür üçin maglumatlary hem olaryň netijelerinde saklanýan çaklamanyň görkezijileri boýunça hem ahyrky görkezijilere täsir edýän faktorlar we şertler boýunça taýýarlamak;
- inflýasiýany depginine täsir edýän faktorlary we şertleri öwrenmek we ýüze çykarmak, inflýasiýanyň depginine olaryň täsiriniň mukdar ölçeglerini kesgitlemek;
- inflýasiýanyň depginini kesgitlemek (hasaplamak);
- has amatly sosial-ykdysady şertleriň, optimal sosial-ykdysady ýagdaýlaryň we öz derejede amatly ýagdaýlaryň shemalary boýunça inflýasion garaşmanyň mümkin (bolup biljek) bahasy.

Inflýasion garaşma baha berilmegi geçirilende hem obýektiw kanunalaýyklary we bahalaryň dinamikasynyň emele gelşiniň şertlerini, hem-de inflýasion prosessleri döwlet organlarynyň täsirini göz öňünde tutmak gerekdir.

Şu täsiriň netijesinde talabyň we harajatlaryň inflýasyýasynyň belli bir derejede peselmegini gazanmak bolar.

## Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe bahalary kadalaşdyrmak.

§1.Ykdysadyýetiň we bahalaryň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagynyň zerurlygy.
§2. Kadalaşdyrmagyň usullary we bahalara barlag geçirmek.

Döwrebap şertlerde ykdysadyýete kadalaşdyryjy täsir diňe bir döwlet dälde, eýsem hususy monopoliýa hem ýetirýär. Şeýlelikde ykdysadyýeti kadalaşdyrmak iki derejede – mokro derejede (subýekt-döwlet) we mikroderejede (subýekt-hususy firmalar) amala aşyrylýar. Döwletiň ykdysady syýasatyny nähili alyp barýanlygyna firmanyň bazar strategiýasy (baş ugry) baglydyr.

Kompaniýalaryň we döwletiň özara baglanyşygynyň aýratynlyklary diňe bir döwrebap jemgyýetiň ykdysady we syýasy gatnaşykdarynyň häsiýetinde yz goýmak, eýsem onuň kadalaşdyrylmagynyň mehanizmine hem goýýar.

Döwlet we hususy kompaniýalar hojalyk durmuşyny kadalaşdyrmak boýunça işlerini biri-birinden aýratynlykda dälde, berk baglanyşykda ýerine ýetirýärler. Kompaniýalar önümçilik güýçleriniň ösüşiniň täsiri astynda önümçiligi umumylaşdyrmagyň derejesiniň ýokarlanmagyna obýektiw ýardam berdigiçe, şonça-da olar öz häkimiýetini saklamak üçin döwletden kömek soramaly bolýarlar, şeýlelikde olaryň özara gatnaşygy has berk bolýar.

Döwletiň hojalyk rolunyň (ornunyň) üýtgemegi hem wajypdyr. Döwlet hojalyk işiniň prosesslerine goşulmak üçin dürli hili enjamlary (instrumentariýleri) döredýär. Ykdysadyýetiň nopolizasiýasynyň ösmeginiň we aragatnaşyk hyzmatlarynyň bazarynda onuň ösüş derejesiniň ýokarlanmagynyň derejesi boýunça, birmeňzeş atly

aragatnaşyk hyzmatlarynyň tarifleri sarp ediji 2 kategoriýasy boýunça – ilat we kärhana – diffirensirlenýär.

- Aragatnaşyk hyzmatlary ösýär – we olaryň hili ýokarlanýar;
- Hyzmatlaryň tarifleri olary ýerine ýetirmegiň harajatlarynyň öwezini doldurmaýarlar;
- Döwlet organlarynyň normatiw hukuk aktlary girizilýär.

Aragatnaşygyň ähli hyzmatlaryndan alnan girdeýji kärhananyň ähli harajatlarynyň öwezini doldurmalydyr.

Tarifleri şu aşakdakylary kompensirlemelidir:

- Ulanyş harajatlar;
- Ulanylan kapitalyň göterimleri;fiskal salgytlary;
- Fiskal salgytlar;
- Enjamlaryň amortizasiýasyny;
- Gözleglere we tejribelere edilen harajatlary;
- Ulgamy giňeltmek we täzeden konstrulirlemek üçin zerur maýa goýumlary.

Bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde döwlet milli hojalyga göni ýa-da gytaklaýyn täsir edip bilýär, meselem, döwlet eýeçiliginiň ýa-da salgyt ulgamynyň üsti bilen, göterim stawkalarynyň, tarifleriň üsti bilen.

Ykdysady prosessleri kadalaşdyrmagyň täze prinsipleriniň (düşünjeleriniň) girizilmegi karz-pul we salgyt-maliýe sferalarda döwlet tarapyndan amala aşyrylýardy.

**Kadalaşdyrmagyň usullary we bahalara barlag geçirmek.**

Bahanyň emele gelmeginiň prosesslerine döwletiň täsir etmegi dürli ýurtlaryň ykdysady syýasatynda wajyp we ulgamlaýyn ulanylýan usullarynyň biri boldy.

Bu şertlerde döwlet kadalaşdyrylyşy adatça, bahalar boýunça şu aşakdaky maksatlary yzarlaýar:

1. Harby döwründe pul bilen üpjün etmegiň netijesinde bahalaryň inflýasion ösüşini saklamak, önümleriň we hyzmatlaryň aýratyn görnüşlerine bahanyň disproporsiýasyny aradan aýyrmak.

2. Önümçiligiň zerur gatnaşyklaryny gazanmak.

3. Bahlaryň ösmegi bilen proporsional zähmet hakynyň ýokarlandyrylmagyny çylşyrymlaşdyrmak.

4. Döwlet gözegçiligindäki önümçiligi subsidirlemek.

5. Sosial – ykdysady çäreleri geçirmek üçin zerur býudžet serişdeleri mobilizirlemek.

Bahalaryň kadalaşdyrmagyň göni we gytaklaýyn usullaryny tapawutlandyrýarlar (özbaşdak surat 1)

Bahalary göni kadalaşdyrmagyň usullary:
a) bahalaryň administratiw bellenilmegi;
b) bahalaryň “doňdurylmagy”;
ç) bahalaryň çäkli derejesini bellemek;
d) rentabelylygyň derejesiniň reglamentirlenmegi;
e) bahalary kesgitlemek üçin pormatiwleriň bellenilmegi;
ä) bahalaryň dekralirlenmegi we beýlekiler.

Baha

Bahalaryň gytaklaýyn kadalaşdyrmagyň usullary:
a) salgyt salmak;
b) pul aýlanyşygyny kadalaşdyrmak;
ç) zähmet haky;
d) karz syýasaty;
e) döwlet çykdaýjylaryny sazlamak;
ä) anwrtizasiýa normalarynyň bellenilmegi we beýlekiler.

Surat 1.Bahalaryň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylyşy.

Bahalaryň döwlet düzgünleriniň bozulmagyna, şol sanda degişlidir:

- Harytlara we hyzmatlara tarifleriň döwlet tarapyndan sazlanylýan bahalaryň, şol sanda bellenilen bahalaryň we

tarifleriň, rentabelliligiň çäkli derejesini, bahalaryň we tarifleriň ýokarlanmagynyň çäkli koeffisientini ýokarlandyrmak;

- Bahalara we tariflere goşulýan bellenilen gymmata goşulan bahanyň (подбавка, паценка) öňden göz öňünde tutylan gymmata goşulan bahanyň bellenilmegini ýokarlandyrmak, hem-de bellenilen arzanladyşlary hödürlemezlik;
- Bellenilen tertipde sarp edijiler bilen ylalaşdyrmak, erkin lomaý (goýberiliş) bahalaryň, tarifleriň gymmatyna goşulan bahasynyň ulanmak;
- Önümiň bahasyny ýokarlandyrmak, şol baha boýunça olaryň derejesi ylalaşylanda kabul edilen sarp edijilik düzümler konstruktiw ýa-da tehnologiki ýetmezçilikler sebäpli gazanylmandyr we ş.m-ler.

## Baha emele geliş we inflýasiýa.

§1. Inflýasiýa proseslerinde bahanyň orny.
§2. Inflýasiýanyň ösüş tapgyrlary we bahalaryň dinamikasy.
§3. Bahalaryň inflýasiýanyň täsirinde ösmegi we onuň ykdysady ösüşe täsiri.

Inflýasiýa - hil seljerişde we mukdar ölçenilmegine kyn boýun bolýan has çyl-şyrymly sosial-ykdysady hadysalaryň biridir. Bahalaryň ýokarlanmagy inflýasiýanyň wajyp, ýöne, ýeke-täk däl görkezijisi bolup durýar; onuň indikatorlary hökmünde şeýle-de pul emissiýasy, aýlanyşykda puluň mukdarynyň köpelmegi, döwlet býudjeti-niň ýetmezçiligi we beýlekileri hasap etmek bolar. Artykmaç nagt we nagt däl töleg serişdeleriniň aýlanyşygy we onuň bilen ýüze çykýan puluň satyn alyp bilijilik ukybynyň peselmegi bahalaryň inflýasiýasyny, talabyň inflýasiýasyny, harajatlaryň

inflýasiýasyny, girdejileriň inflýasiýasyny, bank göterimleriniň inflýasiýasyny we ş.m. –leri döredýärler. Inflýasiýa täze hadysa däldir, onuň köp ýurtlaryň (ABŞ, An-gliýa, Fransiýa, Germaniýa we beýlekiler), şol sanda hem Russiýanyň ykdysadyýetin-de hem orny bardyr. Inflýasion prosesler häzirki wagtda hem köp ýurtlarda bolup geçýärler. Döwletiň kadalaşdyrmagy ony ýol berilýän çäklerde saklamaga mümkinçi-lik berýär. Döwrebap inflýasiýa aşakdaky häsiýetler mahsusdyr:
-umumy häsiýet, ýagny, tutuş ykdysadyýeti eýeleýär;
-dowamly häsiýet;
-ol - köp faktorly hadysadyr, ýagny, hem pul, hem pul däl faktorlaryň täsiri netijesin-de ýüze çykýar;

Inflýasiýa – bu pullaryň satyn alyp bilijilik ukybynyň peselmegini aňladýan ka-tegoriýa. Ol pullaryň şu aşakdakylara bolan gatnaşygynda ýüze çykýar:
-harytlara (haryt bahalaryň ýokarlanmagy);
-altyna (altynyň bazar bahasynyň ýokarlanmagy);
-daşary ýurt walýutasyna;

Inflýasiýa bilen ýüze çykarylýan bahalaryň ýokarlanmagynyň düýbünden baş-ga sebäpleri we häsiýetleri bardyr:
-köpükliliýin, ýagny, ähli harytlara diýen ýaly bahanyň ýokarlanmagy;
-bahalaryň ýokarlanmagynyň üznüksizligi;
-olaryň ýokarlanmagynyň dowamlylygy;

Ykdysadyýetde inflýasiýanyň ýüze çykmagynyň sebäbi gazyp alyjy pudakda bahalaryň ýokarlanmagy bolup durýar, bu halk hojalygynyň köp pudaklarynda hararjatlara wajyp täsirini ýetirýär. Bular ýaly bahanyň ýokarlanmagynyň sebäpleri gazyp alyjy pudakda zähmet hakynyň, maşynlara, enjamlara we beýlekilere harajatla-ryň ýokarlanmagy bolup biler. Çig mala, ýangyja, transporta bahalaryň we tarifleriň birden ýokarlanmagy ykdysadyýetiň pudaklarynyň ählisini diýen ýaly

çylşyrymly yk-dysady ýagdaýa goýýar. Çig mal pudaklarda bahalaryň ýokarlanmagynyň yzyndan çig maly we ýangyjy ulanýan pudaklarda, soňra beýleki pudaklarda bahalaryň ýokar-lanmagy bolup geçýär.

## Inflýasiýanyň ösüş tapgyrlary we bahalaryň dinamikasy.

Inflýasiýa öz ösüşiniň başynda belli bir derejede talabyň ýokarlanmagyna we önümçiligiň giňelmegine höweslendirýär. Bu ýagdaý telekeçileriň bahalaryň mundan beýläk hem ösmegine ynamly bolup, material gymmatlyklara pul goýmaga we täze enjamlary, çig maly, materiallary we beýlekileri satyn almaga ýykgyn edýärler. In-flýasiýa iri firmalara, esasanam, monopolistler üçin bähbitlidir, sebäbi bu ýagdaý ola-ryň girdejisiniň ýokarlanmagyna getirýär. ***Birinjiden***, zähmet hakynyň ýokarlanma-gy, düzgün bolşy ýaly, esasy sarp edijilik harytlaryň bahalarynyň ýokarlanmagyndan yza galýar, bu bolsa firmalara inflýasion goşmaça girdejini üpjün edýär. ***Ikinjiden***, bahada girdejiniň paýynyň ulalmagy zähmet haky bilen proporsional ösýän bahalarda hem gazanylýar. Inflýasiýa aşakdaky tapgyrlary geçýär, olaryň her birinde inflýasiýa-nyň belli bir görnüşi we degişlilikde bahalaryň ýokarlanmagy häsiýetlidir. Birinji tap-gyrda inflýasion prosesler örän haýal bolup geçýärler. Bular ýaly inflýasiýa ölçegli ýa-da süýrenýän inflýasiýa diýýärler. Pullar ýylda 2-3% hümmetsizlenýär. Ölçegli in-flýasiýany, eger pul harajatlary we zähmet haky degişlilikde ýokarlanýan bolsa, onda ilat örän parahatlyk bilen kabul edýärler. Şeýle-de bolsa inflýasiýanyň bu görnüşiniň ters netijeleri halk hojalygynda ýüze çykýarlar. Islendik, hat-da tötän faktorlar hem halk hojalygyny deňagramly ýagdaýdan çykaryp we inflýasiýanyň ösmegi üçin şert döredip, ýöne eýýäm has ýokary derejede - ýylda 5-7% depgin bilen ösmegine getirip biler. Bu ýagdaýda ykdysady ösüşiň depginleri peselýär, ylmy-tehniki progres haýal-laýar we

sosial-ykdysady napryýaženiýe ösýär. Inflýasiýanyň bu tapgyrynda bahalaryň üýtgemegi eýýäm ikibelgili san bilen ölçenýär. Bular ýaly inflýasiýa galopirlenýän ýa-da bökýän inflýasiýa diýilýär. Bular ýaly inflýasiýany başyndan geçiren ýurtlarda ykdysady ösüş togtaýar. Örän ýokary inflýasiýada halk hojalygy stagflýasiýa ýagda-ýa, ýagny, onuň ösüşiniň doly diýen ýaly saklanmagy (stagnasiýa) bolup geçýän ýag-daýyna girýär. Galopirlenýän inflýasiýada bahalar her ýylda 20-den 200% çenli ýokarlanýar. Pullar maddy gymmatlyklara goýulýar. Edil şeýle ýagdaýlaryň soňky ýyllarda biziň ýurdumyzda öz orny bardyr. Giperinflýasiýa, düzgün bolşy ýaly, hemi-şe ýurduň häkimiýeti tarapyndan pul massasynyň möçberiniň oýlanyşyksyz ýokarlan-dyrmagynyň netijesi bolup durýar.

Harajatlaryň inflýasiýanyň iki sany esasy faktory bolup durýar:

1)Zähmet hakynyň ýokarlanmagy;

2)Önümçilik resurslara bahalaryň ýokarlanmagy (çig mala, materiallara, transport hyzmaty we ş. m.);

## Bahalaryň inflýasiýanyň täsirinde ösmegi we onuň ykdysady ösüşe täsiri.

Inflýasiýa, esasan-da, giperinflýasiýa ykdysadyýete gaty erbet täsir edýär. Bu ilki bilen bahalaryň görnüşleri önümçiligiň we aýlanyşygyň tapgyrlary boýunça deň däl derejede ösýänliginde görkezilýär. Bahalaryň ýokarlanmagy hem taýýar önümle-ri, hem önümçilik faktorlary gurşap alýar, belli bir wagtda deňölçegsiz bolup geçýär. Bahalaryň dinamikasynda üýtgeşmeler inflýasiýanyň ýok wagtynda hem bolup geç-megi mümkin, ýöne olaryň erbet täsirleri ykdysadyýet üçin az täsirlidir. Inflýasiýa şertlerinde bahalaryň deňagramly däldigi birden ýokarlanýar we tutuş ykdysadyýete destabizirleýji täsiri ýetirýän faktor bolýar.

Inflýasiýanyň esasy ters netijesi girdejileriň weýran ediji, öňünden baha berip bolmaýan täzeden paýlanylmagy bolup durýar. ***Birinjiden***, bahalaryň inflýasion ösüşi fiksirlenen nominal girdejisi bolan ilat toparynyň (pensionerler, talyplar, döwlet kär-hanalaryň gullukçylary we ş. m.) girdejileriniň peselmegine getirýär. ***Ikinjiden***, fik-sirlenmedik girdejini alýan ilat toparlary, eger olaryň nominal girdejileriniň ösmegi bahalaryň ösmeginden öň bolup geçse, onda olar inflýasiýadan peýda gazanyp bilýär-ler. Inflýasiýa firmalaryň ýolbaşçylary we beýleki girdeji alýanlar üçin taýýar önümiň bahasy resurslaryň bahalarynyň, ýagny, harajatlaryň ýokarlanmagyndan çalt ösýän şertinde bähbitli bolar. ***Üçünjiden***, inflýasiýa we oňa laýyklykda bahalaryň ýokarlan-magy tygşytlamalaryň bankdaky hereket edýän we tiz wagtlyk sçýotlary, ätiýaçlyk polýusyny we aktiwleriň gymmatyny ýitirýär. ***Dördünjiden***, inflýasiýa kreditorlaryň we depitorlaryň arasynda girdejiniň täzeden paýlanylmagyna getirýär. Debitor girdeji alýar, kreditor bolsa utulýar, sebäbi ssudany alan inflýasion ölçeginde gymmaty ýiten ssudany oňa gaýtaryp berýär.

Inflýasiýa şertlerinde kärhanalaryň maliýe ýagdaýynyň birden üýtgemegi bolup geçýär. Inflýasiýanyň ýokary derejesinde emele gelen hojalyk baglanyşyklar bozul-ýar, tölegsizlikleriň zynjyry ýüze çykýar, şonuň netijesinde kärhanalaryň we firmala-ryň maliýe ýagdaýy belli bir derejede erbetleşýär. Daşary ýurtlaryň tejribesinden görnüşi ýaly inflýasiýany doly ýok etmek mümkin däl - ol ykdysadyýetiň ösüşiniň hemişelik hemrasy boldy. Şonuň üçin ykdysadyýetçileriň işi inflýasiýanyň optimal derejesini tapmakdan ybaratdyr. Inflýasiýany ýeňip geçmegiň ähli çäreleriniň arasyn-da esasysy önümçiligiň pese gaçmagyny togtatmak, ony durnuklaşdyrmak we ony galdyrmaga başlamak. Muny inwestitsiýalaryň ösüşi bolmasa, gazanmak asla müm-kin däl.

## Baha emele geliş we pul aýlanşygy.

§1.Bahalaryň we pull aýlanyşygynyň özara baglylygynyň nazary espektleri:

§2. Bahalary kadalaşdyrmagyň we pul aýlanşygynyň aýratynlygy.

§3. Walýuta kursunyň bahalaryň ýokarlanmagyna we halkara söwda ýetirýän

täsiri.

Özüniň ösüş prosessinde bazar ykdysadyýeti ýöriteleşen pul bazary emele getirýär. Pul bazary – bu pula bolan talabyň we olaryň teklibiniň özara täsiriniň netijesinde özi bilen puluň “bahasyny” görkezýän deňagramly gökrim stawkasy esasynda baha bellenilýän bazardyr. Bazar ykdysadyýetini funksionirlemek, onuň ösüşiniň durnukly depginlerini bahalaryň, işliligiň derejesini we dinaminasyny saklamak üçin kesgitli pul massasy gerekdir.

Dolanşykdaky puluň massasy pullaryň teklibi bolup durýar.

Aýlanşykdaky puluň mukdaryna baha emele gelişiň baglylygy gymmatyň we pul aýlanşygynyň kanunlarynyň hereketiniň serişdelerine görä ýüze çykýar: harytlaryň bahalary olaryň gymmatynyň esasynda bellenilmelidir, aýlanyşykdaky puluň mukdary öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň göwrümine deň bolmalydyr.

Faktorlaryň birinji topary (pul faktorlary) pul talabynyň haryt teklibinden ýokarlandyrmagyny ýüze çykýan ýagdaýy öz işine alýar, soň netijesinde pul aýlanyşygynyň talaplarynyň bozulmagy bolup geçýär. Faktorlaryň (pul däl faktorlar) ikinji toparynyň elementleri bahalarynyň ilkibaşdan ýokarlanmagyna getirýän ýagdaýlar bolup durýarlar. Netijede pul massasy olaryň derejesine ýetýär. Hakykatda faktorlaryň iki topary hem biri-biri bilen utgaşýarlar we özara täsirleşýärler, olar

harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň ýokarlanmagyny ýüze çykarýarlar.

Şeýlelikde, bazar hojalygynyň şertlerinde pul aýlanyşygynyň we gymmatyň kanunlarynyň hereketleri tendensiýa hökmünde ýüze çykýar. Şonuň üçin harytlaryň hakyky bahalary köpsanly bazar faktorlarynyň täsiriniň netijesinde olaryň gymmatyndan tapawutlanýar, aýlanyşykdaky puluň möçberi talabyň tölege ukyplylygynyň dolulygynyň derejesi bilen sazlanylýar, ol bolsa düzgün bolşy ýaly, iuflýasion prosessler bilen baglydyr.

Jemgyýetiň önüminiň gymmatynyň aýlanyşygynda we girdeýjileriň dolanşygynda pullaryň hereketiniň tizligi (v)

$$V=\frac{ВВП}{M}$$ formula bilen kesgitlenilýär.

Pullaryň aýlanyşygynyň tizligi pullaryň zerur bolan mukdaryna ters proporsionaldyr, pullaryň aýlanyşygynyň ýokary tizligi goşmaça emissiýa zerurlygy azaldýar. Bazarda harytlaryň we hyzmatlaryň şol bir möçberinde ýokarlanan pul massasy pullaryň hümmetsizlenmegine geçirýär, ýagny, ahyrynda ol inflýasion prosessiň faktorlarynyň biri bolup durýar. Haýallandyrylan pul dolanşygy – bu haryt ätiýaçlyklaryň satylmadyk önümiň ýygnanmagydyr we kapitalyň bir böleginiň ýok edilmegidir. Töleg aýlanyşykda pullaryň aýlanyşygy bank hasaplaryndaky puluň möçberiniň aýlanyşykdaky ortaça ýyllyk pul massasynyň ululygyna gatnaşygy bilen kesgitlenýär. Bu görkeziji nagt däl hasaplaşyklaryň tizligi barada şaýatlyk edýär.

Pullaryň aýlanşygynyň tizligine umumy ykdysady faktorlar täsir edýärler: önümçiligiň sikl ösüşi, onuň ösüşiniň templeri, bahalaryň harakati, haem-de pul foktorlary: töleg aýlanşygynyň düzümi, kredit ammallarynyň we özara bagly hasaplaşyklaryň ösüşi, kredit üçin göterim stawkasynyň derejesi we elektron pullaryň hasaplaşyklara girizilmegi. Bu umumy faktorlardan başgada, pullaryň aýlanşygynyň tizligi girdeýjileriň döwçrleýin tölenilmegine, ilat tarapynda öz

serişdeleriniň sarp edilmeginiň deňagramlylygyna, tygşytlamanyň we ýygnamanyň derejesine beglydyr.

## Bahalary kadalaşdyrmagyň we pul aýlanşygynyň aýratynlygy.

Dünýäniň ykdysady edebiýatynda adatça, ähli ýurtlar üçin umumy bahalaryň ösmeginiň aşakdaky sebäplerini tapawutlandyrýar:

1. pul massasyna gözegçiligiň pesligi we kagyz pullaryň sebäpsiz emmisiýa edilmegi.
2. Döwlet sektorynyň ulalmagy we döwletiň ykdysadyýete goşulmagy.
3. Iri monoşpol hökmünde hususy häkimiýetiň iri institutlarynyň ýüze çykmagy.
4. Girdeýjileri indekslemegiň mehanizminiň hereket edişi.

Pul massasyna gözegçiligiň pesligi we kagyz pullaryň sebäpsiz emmisiýa edilmegi döwlete wekilçilik edýän merkezi bank nädogry pul syýasatyny alyp barýan bolsa ýüze çykýar. Şunuň netijesinde aýlanyşykda haryt bilen üpjün edilmedik pullaryň artykmaç massasy hereket edýär.

Döwlet sektoryň ulalmagy we döwletiň ykdysadyýete goşulmagy döwlet girdeýjileriniň we çykdaýjylarynyň deňagramsyzlygyna getirýär. Býydžetiň ýetmezçiliginiň maliýeleşdirilmeginiň netijesinde gözegçiliksiz emissiýanyň hasabyna bolup geçýär we pul aýlanyşygynda haryt massasynyň ýeterlik möçberi bilen üpjün edilmedik puluň köp mukdary peýda bolýar.

Bahalaryň ösmegine şeýle-de girdeýjileriň indekslemegiň mehanizminiň hereket edişi hem täsir edýär. Ol ykdysadyýetiň funksionirlenmeginiň prinsiplerini düýpli üýtgedýär. Bazar ykdysadyýetinde bahalaryň biraz ýokarlanmagy işliligiň ýokarlanmagy, önümçilik kuwwatynyň ýüklenmegi hat-da

hakyky zähmet hakynyň ýokarlanmagy bilen hem ýüze çykarylýar.

Bahalaryň ýokarlanmagy bazaryň monopolizasiýasynyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýan ykdysadyýete mahsusdyr. Elbetde, ykdysadyýete monopoliýalar öz-özünden bahalaryň ýokarlanmagyny ýüze çykarmaýarlar, ýöne olar ony işjeň goldaýarlar we ony güýçlendirýärler.

Bazarda häkimiýeti saklamak üçin monopoliýalar diňe bir öz bahasyna ýokary bahalary bellemäge we olary saklamaga ýykgynetmän, eýsem önümçiligiň we teklibiň mukdaryny kemeltmäge çalyşýarlar. Bu umumy talabyň we teklibiň gatnaşygyna örän erbet täsir edýär, olaryň arasyndaky üznükliligi ulaldýar. Bahalaryň ýokarlanmagynyň bäsdeşlik ykdysadyýetinde hem mümkindir, ýöne monopolizm öňa goşmaça badalga berýär.

### Walýuta kursunyň bahalaryň ýokarlanmagyna we halkara söwda ýetirýän täsiri.

Bahalaryň ýokarlanmagynyň walýuta kursuna ýetirýän täsirine syn edeliň. Merkezi bank tarapyndan alnyp barylýan bahalaryň ýokarlanmagyny sazlamagyň syýasaty gönüden-göni walýuta kursuna täsirini ýetirýär, ol bolsa öz gezeginde, belli bir derejede halkara söwdany kesgitleýär. Bu ýerde import edilýän inflýasiýanyň, ýagny haçanda meselem, import çig-mala ýa-da energiýa çeşmelerine bahanyň ýokarlanmagy harajatlaryň inflýasiýasynyň mehanizmine täze impuls berende inflýasiýanyň dünýä söwdasynyň bahalary boýunça ýaýramagynyň gürrüňi edilýär.

Eger milli walýutanyň hümmeti gaçsa, onda taraplar ýerlerini çalyşýarlar. Eksportyň netijeliligi ýokarlanýar, sebäbi daşarky bazarlarda harytlaryň bahasy peselýär. Şol bir wagtyň özünde import edijiler bahany peseltmegiň we girdeýjiniň normasynyň peseltmegiň zerurlygyna duş gelýärler, sebäbi

olaryň getirýän harytlary içerki bazarlarda has-da gymmatladylar. Ilat toparynyň (pensionerler, talyplar, döwlet kärhanalaryň gullukçylary we ş.m.) girdeýjileriniň peselmegine getirýär.

Üçünjiden, inflýasiýa we oňa laýyklykda bahalaryň ýokarlanmagy tygşytlamalaryň: bankdaky hereket edýän we tiz wagtlyk şýotlaryň, ätiýaçlyk polýusyny we fiksirlenen gymmaty bolan beýleki pul aktiwleriniň gymmatyny ýitirýär.

Dördünjiden, inflýasiýa kreditorlaryň we depitorlaryň arasynda girdeýjiniň täzeden paýlanylmagyna getirýär. Debitor girdeýji alýar, kreditor bolsa utulýar, sebäbi ondaky alan inflýasiýan ölçeginde gymmaty ýiten ssudany oňa gaýtaryp berýär.

Inflýasiýa şertlerinde kärhanalaryň maliýe ýagdaýyny birden üýtgemegi bolup geçýär.

Inflýasiýanyň ýokary derejesinde emele gelen hojalyk baglanyşyklar bozulýar, tölegsizlikleriň zynjyry ýüze çykýar, soň netijesinde kärhanalaryň we firmalaryň maliýe ýagdaýyny belli bir derejede erbetleşdirýär.

Daşary ýurtlaryň tejribesinden görnüşi ýaly inflýasiýany doly ýok etmek mümkin däl – ol ykdysadyýetiň ösüşiniň hemişelik hemrasy boldy. Şonuň üçin ykdysadyýetçileriň işi inflýasiýanyň optimal derejesini tapmakdan ybaratdyr.

Inflýasiýany ýeňip geçmegiň ähli çäreleriniň arasynda esasysy önümçiligiň pese goşmagyny togtatmak, ony durnuklaşdyrmak we ony galdyrmaga başlamak. Muny inwestitsiýalaryň ösüşi bolmasa, gazanmak asla mümkin däl.

Adatça maliýe diýip pul serişdelerine düşünilýär. Emma pul öz-özünden maliýe bolup bilmeýär. Maliýe ykdysady kategoriýadyr,önümçilik gatnaşyklarynyň düzüm bölegidir.

Pul serideleriniň fondudy döretmek,paýlamak we peýdalanmak boýunça emele gelýän ykdysady gatnaşyklarynyň jemine maliýe diýilýär.

Mysal üçin, şahsy sarp etmäge we alyş çalşa hyzmat edýän pul serideleri, ýagny bölek – satuw söwdasynda, ulag, durmuş kommunalwe beýleki hyzmatlar üçin tölemekde peýdalanylýan pul serişdeleri maliýe gatnaşyklaryna girmeýär.

Maliýe gatnaşyklarynyň ulgamy

1.Döwlet bilen kärhanalar arasyndaky maliýe gatnaşyklary.

2.Aýry-aýry kärhanalaryň arasyndaky döreýän maliýe gatnaşyklary.

3.Asuda fonduny peýdalanmak boýunça kärhanalaryň banklaryň arasyndaky maliýe gatnaşyklary.

4.Kärhanalaryň we olaryň işgärleriniň arasyndaky maliýe gatnaşyklary.

5.Döwletiň we ilatyň arasyndakymaliýe gatnaşyklary.

**Maliýanyň wezipeleri**

1.Üznüksiz ünümçiligi pul bilen üpjün etmek.
2.Paýlamak.
3.Höweslendirmek.
4.Gözegçilik etmek.

Jemgyýetde pul serişdeleriniň hereketi olaryň belli bir görnüşde emele gelmegini,ýagny jemgyýetiň maliýe ulgamyny göz öňünde tutýar. Jemgyyetiň maliýe ulgamyözara baglanşykly 3 sany bölekden durýa:

1) Döwletiň maliýasy
2) Kärhananyň maliýesi
3) Ilatyň maliýasy

**Döwlet maliýasi** – munuň özi döwletiňwezipelerini (halk hojalygyny dolandyrmak , goranyş kanunçylygy hukuk düzgünlerini berjaý etmek, durmuş kepillendirmeleri. **Kärhananyň maliýesi** – diýip ykdysadyýetiň ilkinji şahalarynyň çäginde önümçiligiň üznüksizligini üpjün eýän pul fondlarynyň ulgamyna hem aýdylýar.Ol fondlary döretmegiň we peýdalanmagyň görnüşleri we usullary kärhananyň maliýesine girýär.

Ýurdumyzyň ýaşaýjylarynyň zähmet hojalyk we beýleki işleri netijesinde alýan girdeýjileriniň hasabyna emele gelýän pul fondlaryna ilatyň maliýasi diýilýär. Bu pul fondlaryna ilat öz eýeçiligini artdyrmaga, hal ýagdaýyny – gowulandyrmaga peýdalanýar. Kärhananyň we ilatyň maliýesi döwletiň maliýesi bilen özara baglanşyklydyr.Döwletiň maliýesunde jemlenýan pul serişdeleri kärhanalaryň we ilatyň maliýesinden alynýar. Döwletiň maliýesinde pul serişsdelerini jemlemegiň mehanizimleri bolup, salgyt ulgamy, ätiýaçlyk we pension tutumlar, gümrük we beýleki tölegler çykyş edýär.Döwlet maliýesinde jemlenen pul serişdeleri halk hojalygynda maýa goýumlaryny amala aşyrmaga, kärhanalar pul kömeklerini bermäge, şeýle hem ilat üçin dürli durmuş çäreleri geçirmäge peýdalanylýar.Yagny, döwlwt maliýesiniň pul serişdeleri halk hojalygynyň, kärhanalara we ilata gaýtarylyp beriýär.

Kärhanalaryň we ilatyň maliýesi diňe bir döwletiň maliýesi bilen baglanşykda bolman eysem olar özarasynda hem baglanşyklydyr.

Jemgyýetiň maliýe ulgamynyň esasy şahasy bolup döwlet býujeti çykyş edýär. Döwletiň öz wezipelerini ýerine ýetirmegi üçin onuň ýeterlik pul serişdeleri bolmalydyr.Şol pul serişdelerini döretmek, paýlamak we peýdalanmak döwlet býudjetiniňkömegi bilen amala aşyrylýar.Döwlet býudjeti merkezleşdirilen umumy dowlet pul serişdeleriniň fondudyr.

## Sözlük

**Işjeň baha emele geliş** - syýasy dolandyryşyň çäklerinde bahalaryň kesgitlenmegi.

**Bahalaryň saýawany** – ýokary düşewintli bazar segmentinde lider firmalar tarapyndan bahalaryň kesgitlenmegi.

**Baha emele gelşiň bitaraplyk strategiýasy** – ”baha – gymmatlylyk” gatnaşykdan bahanyňkesgitlenmegi, bu esasanam bazarda satylýan meňzeş harytla ryň köplügine degişlidir.

**Işjeň däl baha emele geliş** – bäsdeşleriniň çözgütleriniň täsiri ýada çykdaýjy usuly esasynda bahalaryň emele gelşi.

**Baha syýssaty** – harytlary satmakda ylalaşyklarda bahany kesgitlemekde bahalar ulgamy.

**Baýrakly baha-** harydyň abraýy bilen bagly ortaça bazar bahasyndan harydyň bazar bahasyndan harydyň bazar bahasyny ýokarlandyrmak.

**Baha emele geliş taktikasy** – firmanyň bahany dolandyrmakda takyk tejribe çäreleriniň toplumy.

**Bazis bahasy** –standart hilli harydyň bahasyna laýyklykda ýokary hilli we pes hilli harytlaryň bahasynyňkesgitlenmegi.

**Çykdaýjysyz baha-** önümçilik kärhananyň diňe çykdaýjylaryny ýapyp bilýän harydyň bahasy.

**Jemi baha** –ulag çykdaýjylary,ätiýaçlandyrma we beýleki çykdaýjylary öz içine alýan harydyň bahasy.

**Dikeldilen baha**-bahanyň ýokarlanandan ýa-da peselenden soň ilki başdaky derejä getirilmegi.

**Döwlet bahasy**- Döwlet edaralary tarapyndan kesgitlenen baha.

**Hakyky baha**- ylalaşyk gazanylanda ulanylýan hakyky baha.

**Demping baha**- içki bazardakydan pes ýa-da dünýä bahalar pes bolan eksport baha.

**Ýeke-täk baha** – satyn almakda,satmakda broherlere ulanjy tarapyndan kesgitlenen belli bir baha.

**Gyzyl baha**- alyjyny hem-de satyjyny kanagatlandyrýan ylalaşygyň bahasy.

**Yeňillik bahasy** –satuwy gollamak üçin harytlaryň bahasynyň peseldilmegi. Dünýä bahalary-harydyň dünýä bazartndaky birlik bahasy.

**Umumy baha**- ähli satyn alynan harydyň bahasy ýa-da ähli çykdaýjylary öz içine alýan baha.

**Amatly baha** – önümi ýerleşdirmegiň esasynda anyk çykdayjylardan we girdeýjilerden kesgitlenen baha.

**Ugratma baha** – haryt eýesiniň harydy satmakda razy däl hem-de alyjynyň tölemeklige tayyar bolan bahasy.

**Doly baha**-bazis baha goşulan ähli goşundylar.

**Çäkli baha**-söwda sikli, sezony döwründe ýokarlandyrylan ýa-da peseldilen baha.

**Teklip baha**- bazarda haryt eýeleriniň hödürleýän bahasy, ol satuwyň bahasyndan çykdaýjylara we beýleki faktorlara bagly.

**Өnümçiligi bes etmek bahasy**- önümçilikde çykdaýjylary firmanyň ýapyp bilmeýän ýagdaýynda ulanylýar.

**Ýeke-täk baha**-ylalaşyk gazanylanda kesgitlenýän hem-de ähli döwürde üýtgemeýän baha.

**Satuw baha** – lomaý satyjydan satyn alynyp geljekde satmaklyga niýetlenýän harydyňbahasy.

**Dolandyrylýan baha**- güýçli monopoliýa döwründe islegiň we talabyň esasynda kesgitlenen baha.

**Hakyky baha**- ylalaşykda esaslanýan baha.

## Tejribe meseleleri

**Mesele 1.**

Ylalaşyk gazanylyp hakykatda enjamyň iberilmegi döweüne çenli.Zähmet hakynyň 1200-den 1500-e çenli ýokarlandy .Sol döwürdäki bahanyň ýokarlanmagyny (%) hasaplamaly. 1 tonna poladyň bahasynyň1500 manada deň edilmegi onuň düzüminde bar bolan (4%)ugleroda bagly kesgitlenen.Satyjy düzüminde 4,8 uglerod iberilýär. Ylalaşyk gazanylan günde enjamyň satuw bahasy 150 000 manada deň boldy. Bahany kesgitlände çykdaýjy täsir edýän işçileriň zähmet (bahadan 40%) hemde poladyň kesgitlenen hili (25%bahadan) täsir edýändigini hasaba almaly.

**Mesele 2**.

Hasaplamaly:

1)Lomaý söwdadan satuwa harydyň gelýändigini hasaba almaly.

2)Erkin satuwdan ýerdirilen önümiň girdeýjisi.

Asakydaky maglumatlara esaslanyp erkin satuw bahanyň düzümini kesgitläň:

-Onümiň özüne düşýän gymmaty 7,1 man.

-Erkin söwda baha (goşmaça salgytsyz) – 45 aksiziň stawkasy.

-Erkin göýberme baha (goşmaça baha salgytsyz) – 20%

-Erkin satuw baha – 21,4 man.

-Lomaý goşundy – erkin satuw bahadan – 25%

**Mesele 3.**

1.Kärhananyň öndürýän 100 jübüt erkek köwşüniň ýerleşdirmekden alynýan girdeýjisini hem-de özüne düşýän gymmatyny hasaplamaly.

Bir jübüt köwşi ýerleşdirmekden alynan girdeýjini hem-de kärhananyň balansynda galangirdeýjini hem-de kärhananyň balansynda galan girdeýjini hasaplamaly.

3.bir jübüt köwşüň erkin satuw bahasyny düzüň.

Maglumatlar:

1.100 jübüt köwşe çykdaýjylar:

-çig mallar we esasy materiallar -12250 manat,

-kömekçi materiallar – 75 manat,

-tehnologik materiallara zahmet haky elektrik energiýa – 2 manat,

-önümçilik işçilere zähmet haky – 1060 manat,

-durmuş ätiýaçlandyrma zähmet hakyna – 37%,

-enjamlaryň saklamaga we ulanmaga çykdaýjylar önümçilik işçileriň

Zähmet hakyndan – 47%,

-seh çykdaýjylary – önümçilik işçileriň zähmet hakynda – 20%

-sehiň içindäki umumy çykdaýjylar – önümçilik işçileriň zähmet hakyndan -79%,

-önümçiligiň daşyndaky çykdaýjylar – önümçiligiň özüne düşýän gymmatyndan -0,3%

- uly çykdaýjylary – önümçiligiň özüne düşýän gymmatyndan – 14%,

2. Bir jübüt erkek köwşüň erkin satuw bahasy (goşmaça baha salgytly ) – 287,9 manat.

3. Goşmaça baha salgyt – erkin satuw baha – 20% ( goşmaça baha salgytsyz)

4. Girdeýjä salgyt-35%.

**Mesele 4.**

Aşakadaky maglumatlary ulanyp baha boýunça islegiň we teklibiň çeýeligini şeýle – de alyjynyň umumy girdeýjisini we çykdaýjysyny hasaplamaly:

| T/b | Teklibiň göwrümi | Islehiň göwrümi | Onüm birliginiň bahasy, man. |
|---|---|---|---|
| 1 | 25 | 10 | 1000 |
| 2 | 20 | 15 | 900 |
| 3 | 15 | 20 | 800 |
| 4 | 10 | 25 | 700 |
| 5 | 5 | 30 | 600 |

Tablisadaky maglumatlardan peýdalanyp islegiň we teklibiň grafigini çyzmaly, deň agramly bahany taplamaly.

**Mesele 5.**

1. Hasaplamaly
a) önümiň erkin söwda bahasyndan girdeýjini,
b) önümiň erkin söwwda bahasyny,
c) araçy bilen söwdanyň hasaplaşyk bahasy.
2. Erkin lomaý we erkin satuw bahanyň düzümini kesgitläň:
- özüne düşýän gymmaty – 22500 man.
- goşmaça girdeýjä salgytly erkin satuw baha – 500400man.
- aksiz – erkin göýberiş bahadan 30% (GGS-syz);
- üpjünçilik – göýberiş goşundy – erkin göýberiş bahadan – 15%.
- söwda goşundysy – satyn alyş bahadan 25%.

Mesele 6.
Import harydyň ýerleşdirmekden alnan girdeýjini we düşewüntliligi hasaplamaly.
Maglumatlar:
- teklibiň we islege laýyklykda dörän erkin satuw bahany hasaplaň
- aksizyň stawkasy – 35%
- gümrük ýygymy – gümrük bahadan 15%
- gümrük resminamalar üçin ýygnamalar – gümrük bahadan 0,15%,
- goşmaça girdeýji salgytdan stawka – 11manat.
- söwda çykdaýjylary – 30 manat.

Mesele 7.
“Akja” hususy kärhanasy daşky görnüşi döerebaplaşdyrylan kofe üweýän öndürmegi meýilleşdirýär. Onüm birligiň bahasy bazaryň konýukturasyna laýyklykda üýtgäp bilýär:

| Maglumatlar | Wariant | | |
|---|---|---|---|
| | 1 | 2 | 3 |
| 1) aha,manat | 1800 | 1650 | 1500 |
| 2) Garaşylýan satuw bir ýylda, sany | 3000 | 4000 | 4500 |
| 3) Bir önüme göni gytaklaýyn çykdaýjylar man. | 1200 | 1000 | 950 |
| 4) Yyllyk üýtgeýän çykdaýjylar müň manat | 360 | 360 | 360 |
| 5) Düýpli maýa goýumlar, müň manat | 2400 | 3200 | 3000 |

Düypli maýa goýumlaryň özeni ödemeli möhleti 8-ýyl, garaşylýan girdeýjiden salgytlar 30% .

Yokary girdeýji, düşewüntlilik almak üçin (puluň hümmetsizligini hasaba alamazdan) bahany kesgitläň.

**Mesele 8.**

Bazarda bahasy 40 manatdan 8 sany belli haryt, 40 manatdan 6 sany haryt, 22,5 manatdan 4 sany haryt, 17,5 manatdan 2 sany haryt hödürlenýär.Beýleki tarapdan 50 manatdan 2 sany haryt, 30 manatdan 4 haryt, 20 manatdan 7 haryt,15 manatdan 11 haryt islege eýe boldy.

Islegiň we teklibiň çyzgydyny çyzyň, maýyşgak islegi tapyň.Deňagram bahany kesgitläň.

**Mesele 9.**

Hususy dukan tarapyndan satylýan köýnegiň erkin satuw bahasyny kesgitlemeli.Köýnegiň doly öžüne düşýän gymmaty 2680 manada deň, goşmaça girdeji salgydyň möçberi-20%, lomaý goşundy-11%.

**Mesele 10.**

Maglumatlardan peýdalanyp çäýnegiň erkin satuw bahasynyň düzümini kesgitlemeli:

-çäýnegiň özüne düşýän gymmaty-140 manat,

-önümçiliginiň düşewintliligi – özüne düşýän gymmatdan 25%

-aksizyň möçberi – öndürijininiň bahasyndan 10%.

-goşmaça girdeýjä salgydyň möçberi – 20%.

-söwda kärhanalarynyň lomaý goşundysy – 10%.

-söwdä goşundysy - 25%.

# EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. «Türkmenistan» gazeti, 2003-nji ýylyň, 27-nji awgusty.
9. «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy». Aşgabat, 2006.
10. Романова К.Г.,. Жарковская Ч.П. Нормирование труда и сметы: М., Стройиздат, 1999
11. П.И. Комаровский Сметное нормирование и ценообразование ст Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» 2007-nji ýylyň 15-nji fewralyndaky Permany bilim ulgamyndaky düýpli özgertmeleriň başyny başlady.

12. Häzirki wagtda milli bilim ulgamyndaky döwrebap özgertmeler ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyna we terbiýelenmegine, giň dünýägaraýyşly, edep-terbiýeli, tämiz ahlakly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär.
13. Okuw maksatnamasy Täze Galkynyş we Beýik Özgertmeler zamanasynda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaklyga bildirilýän talaplary göz öňünde tutup taýýarlanyldy.роительных работ- М.: Финансы и статистика, 1998
14. Türkmenistanyň gurluşyk normalary: A., 2002.
15. Алексеев М. Ю. Рынок ценных бумаг. М., 2005.
16. Астахов В. П. Ценные бумаги. М. 2005.
17. Усатов И. А. Цена и ценообразование в условиях перехода к рыночной экономике. М. 2003
18. E. Garajaýewa. Umumy okuwyň konspekti, TPI, 2000
19. Internet maglumatlary
20. Okuw paýlanyş materiallary, okuw slaydlar.

## Mazmuny

Giriş........................................................................................ 7
Baha-ykdysady kategoriýa hökmünde.................................. 8
Bahalaryň klassifikasiýasy we olaryň ulgamy........................ 13
Bahany emele getirýän faktorlar............................................ 22
Bazaryň düzümi we bahanyň emele gelişi.............................. 31
Harajatlar we bahanyň emele gelmeginde olaryň orny........... 52
Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe bahalary kadalaşdyrmak.................................................................... 67
Baha emele geliş we inflýasiýa.............................................. 70
Baha emele geliş we pul aýlanşygy........................................ 75
Bahalary kadalaşdyrmagyň we pul aýlanşygynyň aýratynlygy.................................................................... 77
Walýuta kursunyň bahalaryň ýokarlanmagyna we halkara söwda ýetirýän täsiri................................................ 78
Sözlük...................................................................................... 82
Tejribe meseleleri..................................................................... 84
Edebiýatlar…………..……………………………………… 89